

# Mäti Kösäýewiň sud edilişi

# MÄTI KÖSÄÝEWIŇ SUD EDILIŞI

*(oçerk)*

Elektron görnüşe geçiren:

**«YLYMLY»**

ylymly.com@gmail.com

## ELLI IKINJI NOMERLI ORDER

### Mäti Kösäýewi tussag etmek üçin berlipdir

Bu order mundan kyrk ýyl çemesi ozal ýazylypdyr, şu setirleriň awtory bilen ýaşytdaş diýseňem boljak. Elli ikinji nomerli order 1952-nji ýylyň 6-njy iýunynda Türkmenistan SSR Döwlet howpsuzlygy ministrliginiň (DHK şol mahallar şeýle atlandyrylýardy — J.H.) bäşinji bölüminiň 1-nji otdeleniýasynyň naçalnigi maýor Mihalina berlipdir, respublikanyň prokurorynyň orunbasary, ýustisiýanyň üçünji klasly döwlet geňeçisi Fatýeýew tarapyndan sanksionirlenilipdir. Munuň özi türkmen döwlet uniwersitetiniň dosenti M. Kösäýewi tussag etmäge hem-de onuň öýüni dökmäge hukuk berýärdi. (Okyjylara düşnükli sebäplere görä familiýalaryň käbiri üýtgedilip alyndy).

Şol günüň özünde Mäti Kösäýewi ýygnaýarlar. Şu orderiň arka ýüzüne M. Kösäýew rus dilinde «Meniň tussag edilýändigim barada şu gün /6/VI/ — 52/ order № 52 görkezildi» diýip iri harplar bilen ýazyp, goluny çekipdir we ýene-de ýaý içinde görkezilen senäni goýupdyr. Tanyş poçerk, tanyş gol Türkmenistanda edebiýatçylaryň, žurnalistleriň, umuman galam ujundan çörek iýýänleriň, medeniýet we sungat işgärleriniň,

mugallymlaryň arasynda Mäti aganyň ýanyna geňeşe barmadyk, maslahatyny almadyk, parasatly sözlerini diňlemedik az-az bolsa gerek. Men bu ensiklopedik alym heniz dirikä edebiýata, medeniýete dahylly işlere baş goşanlar hakda aýdýaryn. Soňky nesillerem onuň kitaplaryny, makalalaryny okarlar, öwrenerler.

Biz, ýetmişinji ýyllaryň başlarynda M. Kösäýewiň leksiýalaryny diňlän studentler barada-ha gürrüňem bolup bilmez. Heniz uniwersitete girmänkäk mekdep mugallymlarymyzdan, tanyş-bilişlerimizden eşidip, gazet-žurnallarda okap, gaýybana tanap ýören professorymyz zähmet depderçämize baha goýanda, juda tolgunypdyk. M. Kösäýewiň çeken goluny gaýta-gaýta synlapdyk. Şol tanyş goly ony tussag etmek üçin berlen orderiň arka ýüzünde görmek nähili elhenç. Has-da beteri pygamber deňesinde görüp ýören adamyň agyr jenaýatçylaryňky ýaly göni we keseligine alnyp ýanaşyk goýlan suratyny synlamak. Her biri elleriňe saldam berip duran iki tomdan ybarat bu işde şeýle suratam bar.

Şol döwrüň derňän işgärleriniň bir zadyny bellemek isleýärin. Bu işdäki dokumentleriň ählisi yhlas bilen, sünnälenip doldurylypdyr. Ownujak zatlaram gözden salynmandyr. M. Kösäýewiň on barmagynyň yzy alnan

ýerde onuň çep elinde it dişlände galan ýara yzynyň bardygy bellenipdir. Hatda emlägi konfisklenilende alnan zaýomlaryň hemmesiniň nomerleri ýeke-ýeke görkezilipdir. Ýene bir zady aýtmaly. Iki tomluga jemlenen dokumentler şu çaka çenli iňňän gizlin saklanylýardy. Diňe aýry-aýry ýokary wezipeli adamlaryň olar bilen tanyşmaga haky bardy. Hatda M. Kösäýewiň partiýa bilediniň Türkmenistan Kompartiýasynyň Merkezi komitetine iberilendigi baradaky kagyzyň ýüzüne-de «Gizlin» diýen belgi edilipdir. Hawa, 30-40-njy ýyllarda we 50-nji ýyllaryň başlarynda nähak jeza çärelerine sezewar edilenleriň işleri bilen tanyşmaga indi mümkinçilik açyldy.

Baryp 1945-nji ýylda respublikamyzda ilkinji bolup «Türkmenistan SSR-niň ylymda at gazanan işgäri» diýen ada mynasyp bolan, orden we medallar, TSSR Ýokary Sowetinň Prezidiumynyň Hormat hatlary bilen sylaglanan, şäher sowetiniň deputaty, dosent Mäti Kösäýewiň günäsi nämeka? Tussag edilen döwründe ol respublikamyzda giňden tanalan adamdy, türkmen intelligensiýasynyň görnükli wekilleriniň biridi. 1930-njy ýylda partiýa hataryna giripdi, basmaçylara garşy göreşipdi. Ony respublikanyň ýolbaşçylaram gowy tanaýardylar, hormat goýýardylar, geňeş-maslahat hem

salýardylar. Muňa TSSR YA-nyň akademigi Şamyrat Täşliýewiň «Sowet Türkmenistany» gazetiniň1989-njy ýylyň 27-nji oktýabryndaky sanynda çap edilen «Guramaçy, redaktor, alym» diýen makalasynda ýatlaýan wakasy hem şaýatlyk edýär. Bu mahala çenli Şaja Batyrow hakynda. 1949-njy ýylyň ýazynda TKP MK-nyň Býurosynda Tejen derýasyna suw gelmeýändigi, ekiş möhletiniň geçip barýandygy sebäpli, Tejeniň ilatyny Mara göçürmelimi ýa-da göçürmeli dälmi meselä garalýar. Ş. Täşliýew şeýle ýazýar: «Sesler ikä bölündi. Býuro çlenleriniň bir bölegi göçürmeli, bir bölegi göçürmeli däl diýýär. Şaja Batyrowam iki arada ikirjiňlenýär. Ol birden meni ýanyna çagyrdy-da «Mäti Kösäýewi tap-da, şu ýylyň türkmen hasabynda haýsy ýyldygyny, suw gelmeli ýylmy ýa-da dälmi — diýip sora» diýdi. Jaň urup, Mäti Kösäýewi öýünden tapdyk. Soragmyzy aýtdyk. Ol şu ýyl gowy ýyl bolmaly, suw gelmlei diýdi. Men bu habary Şaja Batyrowa aýdanymda ol gutarnykly karara geldi. «Tejen ilatyny Mara göçürmeli däl. Tejen derýasyndan suw gelerine garaşmaly» diýdi. Býuroda şeýle karara hem gelindi».

Eýsem M. Kösäýewi türmä salmaga näme esas bolduka? Mäti aganyň çapa taýýarlan «Gorkut ata» eposy 1951-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň çärýek asyrlyk

ýubileýine gabatlanyp neşir ediljek bolup durka gadagan edilipdi. Kitabyň signal ekzemplýarlary çykarylypdy hem M. Kösäýew pedagogik işiniň daşyndan «Sowet edebiýaty» žurnalynda redaktorlyk edýärkä bu eposyň käbir boýlaryny 1945-nji ýylda žurnalyň sahypalarynda ýerleşdiripdi. Epos hakda makala ýazypdy, onuň ýaşlary batyrlyga, Watan söýmäge çagyrýandygyny görkezipdi. Elli ikinji nomerli order almak üçin ýazylan kararda şol makaladan sitata alnypdyr. M. Kösäýew halka garşy reaksion «Gorkut ata» eposyny işjeň ýaýradyjylaryň biri diýlip görkezilýär. Bu karara TSSR Döwlet howpsuzlygy ministrliginiň bäşinji bölüminiň otdeleniýesiniň naçalnigi maýor Mihalýan, bäşinji bölümiň naçalnigi polkownik Kistow, ministrligiň derňew bölüminiň naçalniginiň wezipesini ýerine ýetirji kapitan Nikolaýew gol çekipdirler, ministrligiň we respublikanyň prokuraturasynyň degişli ýolbaşçylary tassyklapdyrlar.

Şu familiýalary ýatda saklalyň. Maýor Mihalýan eýýäm 1955-nji ýyldaky dokumentlere ministrligiň derňew bölüminiň naçalnigi, podpolkownik diýip gol çekýär. Gulluk wezipeleri boýunça beýle çalt ýokary galmagyna halkyň beýk ogullaryny, äpet çynarlaryny ýykmakda görkezen janypkeşliginden başga näme

ýardam edip biler?! TKP MK-nyň Býurosy 1952-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda Nikolaýewi saglyk ýagdaýyna görä ministrligiň derňew bölüminiň naçalnigi wezipesinden boşadyp, onuň ýerine Pýotr Iwanowiç Kuznesowy tassyklaýar. Bu adamlaram Mäti aganyň gören görgülerinde az rol oýnamandyrlar.

Dogrusy, M. Köseýewe atylan töhmet, ýöňkelen günäler bilen tanşanyňdan soň, onuň neneňsi diri galandygyna oturyp-oturyp haýranlar galýarsyň. Nähak jeza bermeleriň gülläp ösen döwründe diňe bir antisowet agitasiýa ýöretmekde aýyplanylan adamlaryň atuwa höküm edilen halatlary seýrek bolmandyr ahyryn. Mäti aga bolsa günä baryny ýöňkäp bilipdirler. Ine olaryň käbiri: Metbugatda buržuaz-milletçilikli ideýalary, şol sanda halka garşy reaksion eposy propogandirlänmişin. Antisowet milletçilikli işi geçirenmişin. BK(b)P-niň we Sowet hökümetiniň ýolbaşçylarynyň biriniň adresine kemsidiji sözleri aýdanmyşyn, onuň Aleksandr Makedonskiden, arap we mongol basybalyjylaryndan nämesi gowy diýenmişin. Ýokarda agzalanlar geçmişde dünýäniň köp bölegini dyza çökeripdirler, ol hem (ýene-de Sowet hökümetiniň we BK(b)P-niň ýolbaşçysynyň adyny kemsidiji sözler bilen tutanmyşyn) basybalyjylaryň göreldesine eýerýär

diýenmişin.

Iki tomda ýygnalan dokumentlerde, dyngysyz edilen soraglaryň protokollarynda ýolbaşçynyň adresine aýdylan kemsidiji sözler baradaky gürrüň ýygy-ýygydan gaýtalansa-da, ýekeje ýerde-de onuň ady tutulmaýar. Şol döwürde ol ýolbaşçynyň, has dogrusy «halklaryň parasatly serdarynyň» ady dillerde sena bolanam bolsa, bular ýaly ýerde onuň adyny agzamak külli günä hasap edilen bolara çemeli. Bu hem onuň sarpasyny tutmagyň bir görnüşidir-dä, elbetde. Gürrüňiň Stalin hakda barýandygyny welin aňmak kyn däl. Kemsidiji sözler diýlende, näme göz öňünde tutulýandyr öýdýärsiňiz? «Murt» buýruk berse...» diýenmişin. «Murt» diýildigi onuň kemsidildigi bolýarmyşyn.

Otuzynjy ýyllaryň başynda Tejende kolhoz gurmaga gatnaşan, täze durmuş ugrunda eli ýaragly göreşen bolşewige kolhozlara, umuman SSSR-iň syýasy gurluşyna garşy bolýarsyň diýýärler. Hamana, ol Beýik Watançylyk urşunyň ilkinji ýyllarynda gitlerçileriň ýeňmegine garaşanmyşyn, kimiňdir biriniň ýanynda «Nemesler parahat ilata zat diýmeýärler» diýenmişin. Türkmenleri işçi batalýonlaryna alyp, sowuk ýerlere iberýärler. Türkmenleri ýok etjek bolýarlar. Kolhozçylara hak tölenilenok. Ozal kolhoz ýokka gowy

ýaşaýardyk. Indi garyp düşdük diýenmişin. Häzirem patyşa döwründäki ýaly, biziň pagtamyzy, beýleki baýlyklarymyzy äkidýärler. Türkmenistan merkeziň çig mal goşundysy. Türkmenleri ýolbaşçy wezipä belleselerem, orunbasaryny ruslardan goýýarlar. Ähli meseläni şolar çözýärler diýenmişin. Garazhaý, sanasaş sogaby bar diýleni. Hormatly pedagoga töhmet atma kemi galmandyr. Eýsem, şeýle köp günä ýöňkemek nämä gerek bolduka? Bu barada Mäti Kösäýewiň özi 1956-njy ýylyň 26-njy sentýabrynda SSSR Ýokary sudunyň kollegiýasyna ýazan arzasynda şeýle pikir ýöredýär:

«Maňa bildirilen esasy günä «zyýanly, reaksion, halka garşy» eserleri — «Gorkut atany», «Ýusup-Ahmedi» ýaýratmaga işjeň gatnaşanlygymdan ybaratdy. Bular buržuaz-milletçilikli eserler hasap edilendigine görä, olary çapa taýýarlamaga gatnaşan adamlaryň ählisi buržuaz milletçiliginde aýyplanyldy. Şolaryň hatarynda «Gorkut atany» çapa taýýarlan maňa, Mäti Kösäýewe, redaktory — filologiýa ylymlarynyň doktory, professor, häzirki mahal SSSR Soýuzynyň Ýokary sudunyň kollegiýasy tarapyndan reabilitirlenilen B. Garryýewe we neşirýatyň baş redaktory O. Abdalowa şeýle günä ýöňkeldi. Deslapky derňewiň barşynda derňew

organlary ýokarda atlary tutulan adamlardan emeli usulda buržuaz-milletçilikli topar döretdiler. Ähtimal derňew organlary diňe halk eposlarynyň esasynda meni buržuaz milletçilikde aýplamagyň ygtybarly bolmajakdygyny duýan bolsalar gerek. Berkitmek üçin maňa başga-da «öz adamlarymyň» ýanynda antisowet gürrüňler edendigim barada ýalan günälerem ýöňkeldi. Şol gürrüňleri tassyklamak üçin satyn alnan şaýatlary çekdiler».

Hawa, her edip-hesip edip M. Kösäýewiň «günäsini» agraltmak üçin sülçüler jan çekipdirler. Mäti agadan sorag etmegi TSSR Döwlet howpsuzlygy ministrliginiň derňew bölüminiň otdeleniýesiniň naçalniginiň orunbasary Leonidow alyp barypdyr. Bu işe ýokarda atlary atlary tutulan kapitan Nikolaýew, maýor Mihalin we ministriň orunbasary maýor Kuznesow, TSSR-iň prokurorynyň ýörite işler boýunça kömekçisi birinji klasly ýurist Akyýew hem gatnaşypdyrlar. Ilkinji sorag etmegi kapitan Nikolaýew geçirýär. 6-njy iýunda 22 sagat 15 minutda başlanan sorag 7-nji iýunda 01 sagat 15 minutda tamamlanypdyr. 7-nji iýunda günortan ýene soraga girişilýär. Gepiň keltesi sorag etmeler, şaýatlar bilen ýüzbe-ýüz duşuşyklar sähel arakesme bilen üznüksiz dowam edýär. Şol bir sowallar ýalňyşdyrmaga,

bulaşdyrmaga çalyşylýar. Mäti Kösäýew turuwbaşdan özüne ýöňkelýän günäleri iňkär edýär.

12-nji iýunda 10 sagat 30 minutda başlanan sorag etmek 13-nji iýunda 03 sagat 20 minutda tamamlanypdyr. Diňe arasynda 16 sagat 15 minutdan 22 sagat 30 minuda çenli arakesme edilipdir. Soragy kapitan Leonidow geçirýär.

Sowal. Siz näme üçin hut özüňiziň we Abdalowyň antisowet şahsyýet bolandygyňyzy we «Gokut atany» jenaýatçylykly maksatlar bilen propagandirländigiňizi gizleýärsiňiz?

Jogap. Käte anekdot aýdýardym. Kimdir biriniň olaryň manysyna antisowet hökmünde düşünen bolmagy mümkin. Emma özümi antisowet şahsyýet diýip boýun alyp biljek däl we buržuaz-milletçilikli ideýalary propogandirlänem bolsam, jenaýatçylykly maksat tutmadym.

Şol günüň özünde, ýagny 13-nji iýunda günortana golaý başlanan sorag etme-de Mäti aga eýýäm başgaça görkezme berýär. Bu gezek üç bolup Nikolaýew, Mihalýan, Leonidow onuň daşyna geçýärler. Hormatly pedagog indi özüni antisowet şahsyýet hasap edýär. Derňewe dogruçyl görkezme bermek isleýändigini

aýdýar. Şu iki arada nämeler bolup geçdikä? Biz Mäti aganyň ol ýerde nägünlere sezewar edilendigini, nähili jebir-jepalara döz gelendigini bilemzok, hiç mahal bilibem bilmesek gerek. Ýaşuly mugallymymyzň özi bolsa bu barada gürläp ýörmezdi. Ol döwürde munuň özi gadagan temady. Diňe SSSR Ýokary sudunyň kollegiýasyna ýazan arzasynda şu aşakdaky guraksy setirleri galdyrypdyr: «Sowet kanunçylygynyň gödeklik bilen bozulmagy (yzygiderli haýbat atmalar, şantaž, elini gandallamak, ýalňyz kameralar, gijelerine geçirilýän yzygiderli sorag etmeler — ukudan galdyrylmagy, atanaklaýyn sorag etmeler...) netijesinde men deslapky derňewe-de, sud derňewinde-de ýöňkelýän günäleri doly boýun aldym we ýazmaça beren görkezmelerimde özüme hem, ýoldaşlaryma hem töhmet atdym».

Şu setirler M. Kösäýewiň ýazan arzasyndan bolşy-bolşy ýaly göçürildi. Diýjek bolýan zadym, ýaý içinde sanalyp geçilen gynamalaryň soňundaky köp nokady şu setirleriň awtory goýandyr, şeýtmek bilen haýsydyr bir zady aýtmak islän däldir, gizlejek bolandyr öýdäýmäň. Ýok, mende beýle niýet ýok. Ol köp nokady Mäti aga öz elleri bilen goýupdyr. Diýmek, Mäti aga edilen sütemler diňe sanap geçilenler bilen tamamlanmandyr. Onuň neneňsi horluklara sezewar edilendigini bolsa

nireden biljek? Iki tomluk işiň içindäki kagyzlardan, dyngysyz edilen soraglaryň guraksy protokollaryndan aňjak zadyň ýok. Eden-etdilik höküm sürenem bolsa sülçüler ol barada yz galdyrmagy halamandyrlar. Olar haçanam bolsa bir mahal adalatyň dikeldiljekdigine, aýanlygyň geljekdigine ynandylarmyka? Ynanmadyk bolsalar gerek. Kim bilýär?! Her bir sahypasyna mugallymymyzyň goly çekilen protokollar ýazylanda hem köp näsazlyklara, ýoýulmalara ýol berlipdir. Bu barada ýeri gelende gürrüň ederis. Bu zatlar ýüze çykýança, Mäti aga köp çarşenbäni başdan geçirmeli, horluklara döz gelmeli bolar.

M. Kösäýew özüne atylan töhmetleriň köpüsini boýun alsa-da, buržuaz-milletçilikli topar döretdiňiz diýlenini inkär edýär. Antisowet toparlanyşyk bolar ýaly haýsydyr bir programmasy hem, ustawy hem ýok diýýär: Sud mejlisinde-de «Buržuaz milletçilikli topar diýilýäni barada hiç zat bilemok» diýip jogap berýär. Sud mejlisi 1952-nji ýylyň 27-29-njy awgustynda bolup geçýär. TSSR Döwlet howupsuzlygy ministrliginiň goşunlarynyň harby tribunalyna ýustisiýanyň polkownigi Korobowiç başlyklyk edýär, polkownik Kolodýažnyý, leýtenat Lapşin oturdaşlar bolýarlar. Mejlise TSSR DHM-niň goşunlarynyň prokurorynyň

wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji, ýustisiýanyň podpolkownigi Pronçenko gatnaşýar. Adwokat Sklýarewiç aklawjy bolýar. Kiçi leýtenant Mämmedow dilmaçlyk edýär.

Sud mejlisiniň geçirilişi barada gürrüň etmek örän kyn. Ýaramaz poçerk bilen ýazylan protokoldan baş çykarmak ýeňil däl. Ähli zadyň diňe göz üçin, formal geçirilendigi görnüp dur. Sud edilýäniň hiç hili milletçilikli toparlanyşyk bolmandygy barada aýdany, ýeterlik subutnamalaryň, delilleriň ýokdugy nazara alynmaýar. Uzyn sözüň gysgasy harby tribunal M. Kösäýewi TSSR Jenaýat kodeksiniň 16-54-I-I we 54-10 ç, II we 54-11 maddalary boýunça günäkar diýip tapýar we 25 ýyl zähmet-düzediş lagerine iberip, 5 ýyl möhlet bilen hukularyny kesmeli, ähli emlägini konfikslemeli diýip höküm çykarýar. 31-nji awgustda kassasion tertipde edilen şikaýat peýda bermeýär. Şol ýylyň 30-njy sentýabrynda höküm öňki güýjünde galdyrylýar.

Mäti aga 1954-nji ýylyň oktýabrynda N. S. Hruşýowyň adyna şikaýat ýazýar. 1955-nji ýylyň ýanwarynda Türküstan Harby okrugynyň harby prokurorynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji, ýustisiýanyň polkownigi Bobrow gözegçilik tertibinde protest bildirýär. 1955-nji ýylyň 14-nji martynda TSSR DHM-

niň harby tribunalynyň hökümi orta Aziýa okrugynyň harby prokurory tarapyndan ýatyrylýar we gaýtadan deslapky derňew geçirmek bilen täzeden garamak üçin Aşgabada iberilýär.

Indi birnäçe ýyl bäri jezasyny çekip ýören M. Kösäýewi sorag etmegi maýor Nikolaýew alyp barýar. Şaýatlaryň birnäçesi öňki görkezmeleriniň köpüsinden el çekýärler. Mäti aga hem ýüzbe-ýüz duşuşyklarda-da şaýatlaryň diýenlerini inkär edýär. 1955-nji ýylyň 14-nji maýynda günäkärlenýäne ekspertiza geçirmegiň bellenilýändigi mälim edilýär. Ýene-de awgust aýynda, indi 1955-nji ýylyň 3-5-nji awgustynda sud bolýar. Türkmenistan SSR Ýokary sudy M. Kösäýewiň işine seredip, on ýyl iş kesýär we ozal konfikslenilen emlägini gaýdyp bermek barada höküm çykarýar. Hawa, bu gezegem adalat ahyryna çenli dikeldilmeýär.

Ýogsam «halklaryň parasatly serdary» ýagty jahan bilen hoşlaşypdy, Beriýa jezasyny çekipdi. Emma henizem öňki inersiýa, halkyň geçmişine, edebi ýadygärliklerine gyýa göz bilen garamak dowam edýärdi.

Suddan soň M. Kösäýewiň maşgalasyna ozal konfikslenilen emlägi gaýtarylyp berilýär. M. Kösäýewiň

bu barada 18-nji awgustda TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Döwlet howpsuzlygy komitetiniň derňew bölüminiň naçalnigi, podpolkownik Mihalýana ýazan arzasy saklanyp galypdyr. Mihalýan şol arzanyň esasynda degişli görkezme beripdir.

Mäti aga ýene bir ýyla golaý tussaglygň jebri-jepasyny çekýär. Ahyrsoňam 1956-njy ýylyň 28-nji maýynda SSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň 1956-njy ýylyň 24-nji martyndaky Permanyna laýyklykda, SSSR Ýokary sudunyň kollegiýasyna arza ýazypdyr. Bäş sahypadan ybarat arzany şeýle sözler bilen tamamlapdyr: «Sowet döwletiniň, halkynyň öňnüde hiç bir jähetden günäli hasap etmeýänligimden ugur alyp, şonuň ýaly-da respublikanyň ylmyny we magaryfyny ösdürmekde bitiren hyzmatlarymy nazarda tutup, SSSR Ýokary sudunyň kollegiýasyndan meni reabilitirlemegi we Watanymyzyň eşreti üçin mundan beýlägem öndürijilikli işlemäge mümkinçilik döretmegi haýyş edýärin».

Elbetde, bu arzadan ozal hem M. Kösäýewem, şu iş boýunça jeza berlen beýleki adamlaram özleriniň bigünädigi barada dürli instansiýalara ýüz tutupdyrlar. Şonuň netijesinde täzeden derňew geçirilipdir, şaýatlar özleriniň görkezmelerini düýbünden üýtgedipdirler.

1956-njy ýylyň 26-njy aprelinde Mäti agadan edilen soragyň protokolynda şeýle sözler bar:

Sowal. 1952-nji ýylda deslapky deslapky derňew mahalynda we sud mejlisinde näme sebäbe görä özüňiziň aýtmadyk zatlaryňyzy diýdim diýdiňiz?

Jogap. Türmedekäm inkär etdim welin sülçi derňewiň talap edýän zatlarynyň ählisini boýun alsaň gowy bolar diýdi... Sülçi eger men sudda öz görkezmelerimi üýtgedäýsem, onuň meniň günämi agyrlaşdyrjakdygyny duýdurdy.

Belki jeza berenlerem özleriniň şunuň ýaly ýagdaýa sezewar edilendigini aýdýarlar. 1958-nji ýylyň 24-nji fewralynda edilen soragda şaýat 1952-nji ýylda M. Kösäýewiň işine sudda seredilende, sülçiniň talap etmegi boýunça ol barada-da, özi barada-da bolmadyk zatlary aýdandygyny görkezýär. Üstesine-de meniň sözlerim sud mejlisiniň protokolynda nätakyky beýan edilipdir, ýagny pikir aýdyň beýan edilmändir, käbir ýerlerde bolsa ýoýlupdyr diýýär. Özüniň M. Kösäýewi hiç haçan sowet döwletiniň duşmany hasap etmändigini we hasap etmeýändigini nygtaýar.

SSSR-iň baş prokurorynyň orunbasary, ýustisiýanyň I klasly döwlet geňeşçisi D. Salin 1958-nji ýylyň 6-njy

martynda TSSR Ýokary sudunyň prezidiumyna gözegçilik tertibinde ýazan protestinde şaýadyň şu aýdanlaryny mysal getiripdir. Şaýatlaryň käbiriniň 1952-nji ýylda deslapky derňewde beren görkezmeleriniň sud tarapyndan barlanylmandygyna ünsi çekýär. Soňra şaýatlaryň birnäçesi öz beren görkezmelerini düýpli üýtgedipdirler. D. Salin halk döredijiligi eserleriniň propagandirlenilmeginiň buržuaz-milletçilik, panyslamistik we pantürkistik garaýyşlaryň ýaýramagyna ýardam edýär we muňa buržuaz-milletçilikli propoganda hökmünde baha bermek bolar diýleni barada şeýle ýazýar:

«Şunuň ýaly netije çykarylmagy taryhy we syýasy taýdan ýalňyşdyr, sebäbi «Gorkut ata», «Ýusup-Ahmet» eserleri heniz Türkmenistanda buržuaziýa-da, millet hem ýok mahaly kemala gelipdir... Şeýlelikde, M. Kösäýewiň «Gorkut atany», «Ýusup we Ahmedi» neşir etmekde we ýaýratmakda günäkärlenmegi nädogrudyr». D. Salin şulara esaslanmak bilen, M. Kösäýew baradaky suduň hökümini ýatyrmagy we ýöňkelýän günäniň subut bolmaýandygy üçin işi togtatmagy haýyş edýär. TSSR Ýokary sudunyň prezidiumy 1958-nji ýylyň 31-nji martynda şu protesti kanagatlandyrmak bilen, M. Kösäýewi doly aklaýar. Ahyrsoňy adalat üstün çykýar,

hakykat ýeňýär!

Şu ýerde bu gussaly oçerkiň soňuna nokat goýmagam bolardy. Ýöne «M. Kösäýewe nähak töhmet atanlar, türmede ony süteme sezewar eden sülçüler niredekä ýa-dahiç zat bolmadyk ýaly gezip ýörmükäler?» diýen sowalyň köpleri biynjalyk etjekdigi aýdyň. Sebäbi eden-etdilikler bilen jikme-jik tanşanyňda biygtyýar bu barada oýlananyňy duýman galýarsyň. Şeýle sowal mende-de döredi we men TSSR Döwlet howpsuzlygy komitetiniň arhiw podrazdeleniýesiniň naçalnigi A. K. Lýapenko ol sowaly berdim. Ol adamlaryň köpüsi biziň aramyzda ýok, ýagty jahan bilen hoşlaşypdyrlar.

Şondan soňra oturyp oýlandym. Şu netijä geldim. Ozaly bilen-ä türkmenlerde ýogalan, baky dünýä giden adamlar barada ýaramaz gürrüň etmek ýerliksiz hasaplanylýar. «Geçeni geçdi bil» diýilýär. Onsoňam howpsuzlyk organlarynyň işgärleriniň egni pogonly, ýagny harby adamlardygyny, olaryň kasam kabul edendiklerini, buýrugy gürrüňsiz ýerine ýetiräýmelidiklerini birjik-de unutmazlygymyz gerek. Buýruk beren kim diýilmegi mümkin. Muny anyklamak üçin has düýpli çuňňur meselelere aralaşmaly, analizlemeli, iç gepletmeli, pikir ýöretmeli bolýar. Şol döwürde ýurtda emele gelen ýagdaý şeýledi. Mäti agany

tussag etmek barada 52-nji nomerli ordere gol goýan we tassyklan adamlary günäkärlemek ýeňil. Ýöne organ işgärlerine buýruk berýänler has belentde durlar, olar halkyň iň gowy ogullaryny tussag etmek we öý dökmek baradaky orderlere gol çekmeýärler. Şu ýagdaýda buýrugy ýerine ýetiren harby adamlary günäkärlemek dogrumyka? Meniň pikirimçe, dogry däl, adalatly hem däl. Meniň bilen ylalaşmazlygyňyz mümkin. Öz işiňiz, ylalaşman bilersiňiz. Men-ä şu pikirde.

Şu pikirem meni Türkmenistan Kompartiýasynyň Jemgyýetçilik-syýasy barlaglar institutynyň partiýa arhiwine getirdi. Ine, meniň öňümde Türkmenistanyň Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň MK-niň 1951-nji ýylyň 16-njy awgustynda bolan Býuro mejlisiniň protokoly ýatyr. Mejlisde beýleki möhüm meseleler bilen birlikde «Gorkut ata» kitaby hakyndaky meselä hem garalypdyr. Bu ýerde halk eposyna berlen baha sud işindäkiler bilen deň gelýär. Halka garşy, oguz hanlarynyň we begleriniň galtamançylykly durmuşyny öwüp arşa çykarýan, pantürkistik garaýyşlary we halklaryň arasyndaky duşmançylygy ündeýän, türkmen halkyna düýbünden nämälim we ýat bolan, dini-milletçilikli «Gorkut ata» eposy respublikada birnäe ýyllap propagandirlenilipdir diýip, TK(b)P MK-nyň

Býurosy belleýär.

Býuroda Bütinsoýuz Kommunistik (bolşewikler) partiýasynyň ideologiýa meseleleri baradaky görkezmelerini ýerine ýetirmek, edebiýaty öwrenişde we dil biliminde ýol berlen ýalňyşlyklary ýok etmek, edebi tankydy giňden ýaýbaňlandyrmak karar edilýär. Okuw kitaplaryndan, programmalaryndan, gollanmalardan «Gorkut ata» baradaky materiallary aýryp, olary gaýtadan neşir etmelidigi görkezilýär. TK(b)P MK-nyň sekretaryna metbugatda ýörite paş ediji makala bilen çykyş etmek tabşyrylýar. Şondan soň 1951-nji ýylyň 16-njy sentýabrynda «Sowet Türkmenistany» we «Turkmenskaýa iskra» gazetlerinde «Türkmen halkyna ýat bolan «Gorkut ata» eposy»diýen makala peýda bolýar.

M. Kösäýewiň milletçilikli «Gorkut ata» eserini çapa taýýarlamak bilen syýasy taýdan şowakörlük edendigini, munuň üçin onuň BK(b)P-niň hataryndan çykarmaga mynasypdygyny belläp; ýöne onuň gödek syýasy ýalňyşlyga ýol berendigini ak ýürekden boýun alandygyny nazarda tutmak arkaly Býuro onuň hasap kartoçkasyna ýazmak bilen, berk käýinç yglan etmek temmisini bermek bilen çäklenmegi mümkin hasap edýär. Eposyň redaktory B. Garryýew zähmet

rugsadyndadygy, Türkmendöwletneşiriň baş redaktory O. Abdalowyň syrkawdygy sebäpli olar baradaky meselä goşmaça garamak karar edilýär.

Ýene-de Býuro mejlisine kimler gatnaşypdyr we bu karary goldap ses beripdir diýen yzaly, näçe kowalasaň-da, kalbyňdan çykmaýan keçjal sowaly orta atmaga howlukmalyň. Ol bu sowaly bermezden öňürti, ýurtdaky ýagdaýy göz öňümize getirmäge çalşalyň. 30-40-njy ýyllarda, ellinji ýyllaryň başlarynda şunuň ýaly günä ýöňkelen adamlaryň müňlerçesiniň we müňlerçesiniň säginmezden ölüme buýrulandygyny, zyndanlara dykylandygyny ýadymyza salalyň. Heniz BK(b)P MK-nyň «Zwezda» we «Leningrad» žurnallary hakynda 1946-njy ýylyň 14-nji awgustynda kabul edilen kararynyň güýçli täsiriniň bardygyny, onuň üstesinde-de şol golaýda «Prawda» gazetinde «Edebiýatda ideologiki ýoýuşlaryň garşysyna» diýen reaksion makalanyň çap edilendigini hakydamyza salalyň. «Beýik serdar» Iosif Staliniň heniz diridigini, gözi gyzaran ganhor Lawrentiý Beriýanyň islendik wezipedäki adamy islendik pursatda atuwa buýrup bilýändigini unutmalyň. Buržuaz-milletçini goldapsyňyz, geçirimlilik edipsiňiz, liberal çemeleşipsiňiz, özüňizem şolaryň ýarany bolmagyňyz mümkin diýip respublikanyň şol mahalky

ýolbaşçylarynyň, TK(b)P MK-niň Býuro çlenleriniň başyna agyr külpetleriň inderilmegi mümkin dälmidi näme?! Elimizi ýüregimize goýup aýtsak, gaty mümkindi. Ol döwürde munuň özi geňem däldi.

Her niçigem bolsa Býuro çlenleri (şol gezekki mejlise S. Babaýew ýolbaşçylyk edipdir) M. Kösäýewi partiýa hatarynda galdyrypdyrlar. Meniň pikirimçe, kellelerini etegine salyp galdyrypdyrlar. Munuň üçin özüm-ä olaryň öňünde başymy egýärin.

Partiýa hatarynda galdyrylmagynyň agyr günlerde, deslapky derňew astynda türmede ýatyrka, gije-gündiz üznüksiz edilýän soraglarda Mäti aga güýç-kuwwat, ynam berendigini, umyt döredendigini aňmak kyn däl. Syýasy ýalňyşlyga ýol berenem bolsa, özüniň partiýadan çykarylmandygyny sülçä ençeme gezek janyndan syzdyryp aýdypdyr. Onuň bu sözleri has-da ýygy gaýtalan bolmagy ahmal. Ýöne diýlen sözleriň ählisi protokola düşýärmi näme? Onda-da bular ýaly ýagdaýda.

Uly alymlara ýöňkelen günäleri men Türkmenistan SSR-niň döwlet özygtyýarlylygy baradaky Jarnama we özygtyýarly respublikalaryň soýuzy hakyndaky Şertnamanyň proýekti bilen deňeşdirip görýärin:

«Konstitusiýa boýunça resmi dil türkmen hem rus dilleri bolmaly. Türkmen dili iş dolandyryşdan gidýär. Aşgabatda 1941-nji ýyla çenli türkmençede maşynkada hat ýazmak we stenogramma etmek boýunça kurslar işleýärdi. Olar ýapyldy. Men muny ruslaşdyrmak diýip hasap edýärdim».

«Bizde saýlawlar ýokardan görkezilişi ýaly geçirilýär. Halkyň isleýän adamy saýlanylmaýar, şonuň üçinem halk ýokardan görkezilene ses berýär».

«Türkmenistan merkeziň çig mal goşundysy. Biziň tebigy baýlyklarymyzy alyp gidýärler».

Bu sözler häzir diňe bir ikiçäk söhbetdeşlikde, çaý başynda däl, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde-de gaýtalanýar. Indi onuň üçin gözenegiň aňyrsyna dykmaýarlar. Häzirki agyr ykdysady krizise garamazdan, munuň özi hem üýtgedip gurmagyň, aýanlygyň miwesidir.

Bu günki gün, aýanlyk, aç-açanlyk döwründe, pikirleriň plýuralizmi bilen juda öwrenişen mahalymyzda, düýnki günümiz, geçmişiň ak ýa-da gara tegmilleri hakynda, ol ýa-da beýleki taryhy şahsler barada pikir ýöretmek aňsat. Ony eýdipdirler, muny beýdipdirler diýmegem kyn däl.

Eden-etdilikler döwründe ýaşanlaryň, işlänleriň üstünden eňterilmek, olary günälemegem bolar. Ýöne geçmişe göz aýlanymyzda, ajy günleriňem, süýji günleriňem bolandygyny, şol döwürde ýaşanlaryň biziň ata-babalarymyzdygyny unutmak hebesdir. Ata-babalaryňa, diýmek, geçmişiňe, düýnüňe gyýa göz bilen garamak külli günä bolmazmy?! Arhiwler açylanda, geçmişden duşmanlary gözlemeli däl-de, taryhy öwrenmeli, dogruçyl, obýektiw, töwerekleýin öwrenmeli. Gowusyna guwanmaly, ýalňyşlyklary sapak edinmeli. Şol elhençlikleriň gaýtalanmazlygynyň aladasynda bolmaly.

Pylany kim, pylankes kim bolupdyr diýmek aňsat. Ýöne men kim, nämeler etdim, nämeleri başarmadym diýen sowaly öz öňünde keserdip goýmak welin her kime başardyp durmaýan bolara çemeli. Ýogsam, biz, Mäti aganyň okuwçylary, şägirtleri, yzyny ýöredijiler, öz halkynyň geçmişine, taryhyna, edebi mirasyna sarpa goýýanlar we sarpa goýmalylar hem özümize hut şol «Gorkut atanyň» köpçülige ýetirilmegi barada näme etdik diýen sowaly bermäge borçly ahyryn. Men muny ýöne ýere aýdamok. M. Kösäýew we beýlekiler aklanaly, bu epos goňşy respublikalarda neşir edileli bäri näçe onýyllyklar ötdi. Bu barada bilsegem, sesimizi çykaryp

bilmän gezdik. Diňe TKP MK-nyň Býurosy 1989-njy ýylyň 19-njy ýanwarynda ýörite karar kabul edenden, ýoldaş S.A. Nyýazow degişli görkezme berenden soňra dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna öwrülen bu eposy neşir etmegiň ugruna çykyldy.

Maňa bu sözleri aýtmaga Mäti aganyň işinde gabat gelen dokumentim mejbur edýär. Ol dokument Moskwanyň Lomonosow adyndaky döwlet uniwersitetiniň SSSR halklarynyň edebiýaty we türk filologiýasy kafedralarynyň 1956-njy ýylyň10-njy ýanwarynda bilelikde geçirilen mejlisiniň protokolyndan göçürme. Moskwa şäheriniň aklawjylar kollegiýasynyň haýyşy boýunça geçirilen bu mejlisde türkmen dilindäki «Ýusup we Ahmet », «Alybeg we Balybeg», «Seýpelmelek we Methaljemal», «Gül we Bilbil», «Saýat we Hemra», «Hojamberdi», «Gül we Senuber», «Raýçini» dessanlary, şonuň ýaly-da «Gorkut ata» epiki eserine tankydy we syýasy baha bermek meselesine garalypdyr.

Moskwaly alymlar bu dessanlar türkmen edebiýatynyň gymmatly ýadygärlikleri bolup durýarlar, olara buržuaz-milletçilikli eserler hökmünde garamak bolmaz diýip karar edipdirler. «Gorkut ata» dessanynyň üstünde aýratyn durup geçip, türkmen epiki eserine

baha bermekde düýpli ýalňyşlyga ýol berlendigini görkezipdirler: «Türkmenistanda edebi ýadygärliklere zandyýaman-matlaply, otrisatel çemeleşilmegi TSSR-de bu mirasy öwrenmekişiniň iňňän pesylmy derejededigini görkezýär». Diňe bu hem däl, M. Kösäýew özüniň SSSR Ýokary sudunyň kollegiasyna ýazan arzasynda: «SSKP-niň bolup geçen XX gurultaýy halklaryň taryhynyň, edebi geçmişiniň her hili bulaşdyrylmagyny, falsifikasiýalaşdyrylmagyny örän berk ýazgardy. XX gurultaýyň kararlaryna laýyklykda halklaryň edebi mirasyna täzeçe çemeleşildi we baha berildi. Merkezi metbugatda (seret «Literaturnaýa gazeta», 1956-njy ýylyň 21-nji iýuny) halk döredijiliginiň eserlerine, hususan-da «Gorkut ata» zandyýaman, wulgarizatorça çemeleşilmegine garşy makalalar peýda boldy. Şuňa meňzeş makala «Babinskiý raboçiý» gazetinde hem 1956-njy ýylyň 9-njy martynda ýerleşdirildi» diýip ýazypdyr. Gördüňizmi, ýogsam Azerbaýjanda hem 1951-nji ýylda «Däde Gorkut» eposy halka garşy, reaksion diýlip yglan edilipdi. Biz bolsa näçe onýyllyklar ol eserler barada dil ýarmaga heder edip, dymyp gezdik.

Mäti aga «daş bilen urany aş bilen urmagy» ündeýärdi. Bu hoşgylaw adam, uly halypa bize, özüniň bilim, terbiýe beren talyplaryna, şägirtlerine, diňe bize-

de däl, ählimize, bütin halkymyza ynsanperwerligiň, adamkärçiligiň, parasatlylygyň, geçirimliligiň, sabyrlylygyň, iň esasysy-da bagyşlamagy, günäsini geçmegi başarmagyň belent nusgasyny görkezip gidi. Geliň, onuň göreldesine eýereliň! Onuň mynasyp okuwçysy bolmaga çalşalyň!

1991ý.

## BAÝMUHAMMET GARRYÝEWIŇ SUD EDILIŞI

Eden-etdilikler höküm süren ýyllarynda repressiýa sezewar edilenleriň pajygaly takdyry baradaky materiallar soňky ýyllarda yzygiderli çap edilýär. Bu gezek biz TSSR YA-nyň akademigi Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýewiň işi barada gürrüň bermekçi.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň çapa taýýarlan «Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýew» diýen kitabynda akademigiň işleriniň hronologik görkezijisi ýerleşdirilipdir. 1939-njy ýyldan başlap alymyň abyrsyz zähmeti netijesinde dünýä inen eserler ýylba-ýyl boýunça aýratynlykda sanalyp geçilýär. Ýöne şol hronologik görkeziji 1952-nji ýyldan 1960-njy ýyla böküp geçýär. Eýsem, professor dokuz ýyllap hiç zat ýazmadymyka?

B. A. Garryýewiň ömrüniň we döredijiliginiň esasy

seneleriniň sanawynda bolsa 1952-nji ýyldan göni 1956-njy ýyla geçilýär. Şol iki arada akademigiň nirede, näme pişe edendigi barada ýeke agyzam dil ýarylmaýar. Hamala, şol ýyllarda akademik gaflat ukusyna giden ýaly. Ýok, ol ýyllarda professor B. A. Garryýew uka gitmändi. Ony buržuaz milletçi diýen töhmet bilen gözenegiň aňyrsyna dykypdylar. Alym ol ýyllary sowuk ýurtlarda bendilikde geçiripdi. Repressiýa sezewar edilenler barada soňky ýyllara çenli hiç zat aýdylmaýardy. Munuň özi totalitar, administratiw buýruk beriji düzgün gowşap ugrandan soňra mümkin boldy.

Ömrüniň ahyrky ýyllarynda Türmen döwlet uniwersitetinde talyplara sapak beren B. A. Garryýewiň işi elleriňe agram berip duran ençeme tomdan ybarat. Ony 1952-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda tussag edýärler. Bu barada akademigiň dogany, Türkmenistanyň Politehniki institutynyň dosenti, fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty Nury Atalyýewiç Garryýew şeýle ýatlaýar:

— Oktýabryň 22-sinden 23-ine geçilýän gije daňa golaý, ýarym gijeden ep-esli soň-da, şonuň üçinem daňa golaý diýsegem boljak, gapy kakylýar. Turup açdym. Görsem Baýyň aýaly Jeren dur. (Nury aga

akademigiň adyny gysgaldyp Baý diýip tutýar — J. H.) Jeren gelnejemizi şol mahal görseň, arwahdan-jyndan gaçan ýaly. Özem şol mahal aýagy agyrdy. «Näme boldy?» diýsem, «Haý, Baýy äkitdiler» diýdi. Olar biziň golaýymyzda ýaşaýardylar. Başardygymyzdan köşeşdirip, gelnejemi öýlerine ugratdyk. Irden baryp görsem, Baýlaryň öýüni doňuz dören ýaly edipdirler. Derde ýarar ýaly zatlaryny äkidipdirler. Başgalaram dargaşyp ýatyr.

Biz munuň şeýle boljakdygyny bilýärdik. Garaşýardygam. Menem uzagraga gitmegi dogry bildim. Raýispolkoma baryp, uçýotdan çykdym. «Nirä gitjek?» diýenlerinde, Mara diýdim. Özüm welin, göni Moskwa gidýän otlynyň biline basandyryn.

Şu setirleriň awtoryna akademik B. A. Garryýewiň leksiýalaryny diňlemek miýesser edipdi. 1969-njy ýylyň sentýabrynda täze okuw ýyly başlananda, talyplar auditoriýalary doldurypdylar. Türkmen filologiýasy fakultetiniň birinji kursuna kabul edilenleriň ähli ünsi gapa gönügipdi. Fakultetiň şol mahalky dekany, merhum Öde Abdyllaýew bilen tirkeşip, orta boýly dolmuş pyýada içerik girdi. Dekan bizi uniwersitete kabul edilmegimiz bilen gutlady. Professor Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýew bilen tanyşdyrdy. Onuň bize

«Türkmen halk döredijiligi» predmeti boýunça ders berjekdigini aýtdy. Ýokary okuw jaýynyň gapysyndan ätläniňde, ilkinji gezek leksiýa okan mugallym hiç mahal ýadyňdan çykmaýar, ilkinji leksiýanyň täsiri-de üýtgeşik bolýar. Bu duýgy talyplyk durmuşyny başdan geçirenleriň her birine mälim bolsa gerek.

Şol mahal şunça ýyllar geçenden soňra hormatly professoryň elhenç sütemlere sezewar edilişi barada ýazmaly bolaryn diýen pikir ýadyňa-oýuňa düşjekmi eýsem?! Elbetde, ýok.

B. A. Garryýew tussag edilmezinden ozal Mäti Kösäýew bilen Orazmämmet Abdalow eýýäm sud edilip, hersine ýigrimi bäş ýyl iş kesilipdi. Akademigi tussag edenleriň, deslapky derňewi alyp baranlaryň hut Mäti Kösäýewi we Orazmämmet Abdalowy jebri-jepalara sezewar eden adamlardygyny bellemek gerek. Şu oçerkde-de olaryň käbiriniň atlary üýtgedilip alyndy. Harby tribunal M. Kösäýew bilen O. Abdalowa höküm çykaranda, ýörite kesgitnama kabul edipdir:

«Gizlin

**KESGITLEDI:**

Türkmenistan SSR Döwlet howpsuzlygy ministrliginiň goşunlarynyň harby tribunaly Aşgabat

şäherinde, TSSR DHM-niň klubunda 1952-nji ýylyň awgustynyň 27-29-njy günlerinde

> Şu sostawda: ýustisiýanyň polkownigi Korobowiçiň başlyklyk etmeginde we oturdaş: polkownik Kolodýažiynyň we oturdaş: leýtenant Lapşiniň gatnaşmagynda

Kapitan Kolupaýewiň sekretarlygynda, Türkmenistan SSR DHM-niň goşunlarynyň harby prokurorynyň wezipesini ýerine ýetiriji, ýustisiýanyň podpolkownigi Proiçenonyň we aklawjy Sklýarewiçiň gatnaşmagy bilen geçirilen ýapyk sud mejlisinde O. M. Abdalowy we M. Kösäýewi günäkärlemek boýunça işe seredip.

**Belli etdi:**

Abdalow we Kösäýew uzak döwrüň dowamynda Sowet döwletiniň garşysyna duşmançylykly hereketler edipdirler. Olar bilen birlikde graždanin Baýmuhammet Garryýewiň hem şonuň ýaly antisowet iş bilen meşgulanandygy sud derňewiniň materaillaryndan görünýär... graždanin Baýmuhammet Garryýew antisowet wagyz-nesihat ýöredipdir, Watançylyk urşy döwründe ýeňiljekdigimiz baradaky garaýyşlaryny aýdypdyr, TSSR-de rewolýusiýadan ozalky tertibiň dikeldilmegini goldaýan sözleri diýipdir, döwlet

serişdelerini öz haýryna almak we buržuaz-milletçilikli propoganda bilen meşgullanypdyr.

Sudda şaýatlar... graždanin Durdy Amanekowyň hem dürli adamlaryň arasynda antisowet wagyz-nesihat geçirmek bilen yzygiderli meşgullanandygyny we Abdalowyň antisowet garaýyşlaryny goldandygyny görkezdiler. Baýmuhammet Garryýewiň we Durdy Amanekowyň görkezilen hereketlerinde jenaýat alamatlary bar we olaryň hereketleri TSSR JPK-niň 133-nji maddasyna laýyklykda derňew geçirilmegini talap edýär hasaplamak bilen, harby tribunal

**Kesgitledi:**

Derňew geçirmegi guramak we günäkärleri jenaýat jogapkärçiligine çekmek üçin şu kesgitnamany TSSR DHM-niň goşunlarynyň harby prokuroryna ibermeli.

Şu kesgitnamanyň aşagyna zerur gollaryň ählisi goýlupdyr. Eýsem B. Garryýewiň pajygaly takdyry şu ýerden başlaýarmyka? Meniň pikirimçe, mesele has çuňňur garalmagyny talap edýär. Howpsuzlyk organlarynda professory gözenegiň aňyrsyna dykmak üçin materiallar toplamaga has öňräkden girişilen bolmaly. Has öňden bäri onuň her bir ädimini göz astyna alyp, aýdan sözleriniň hasaby ýöredilip ýörlen bolmaly.

Suduň kesgitnamasy bolsa diňe ozalyndan kemsiz bişirilen garpyzy ýarmak, köpden bäri gezelgi duran töhmet neşterini hatasyz sançmak üçin delil. Dogrusy, nähak jeza berlenleriň ählisi barada-da muny şeýle diýip aýtmak bolar. Repressiýalaryň kuwwatly degirmenini herekete girizýänlerem özleriniň iýýän çöregini ödemeli ahyryn. Şunuň ýaly pikir ýöretmäge Aşgabat raýonynyň Gökje oba Sowetiniň ispolkomyndan alnan sprawka esas berýär. Jenaýat işine çatylyp goýlan ol sprawka has öňräk: 1952-nji ýylyň 27-nji fewralynda alnypdyr.

**SPRAWKA**

berildi Aşgabat raýon Gökje oba ispolkomy tarapyndan Aşgabat (sprawkanyň haýsy guramanyň soramagyna görä berilendigini görkezýän ýerine düşünip bolmady – J. H.), ýagny siziň soraýan adamyňyz Baýmuhammet Garryýew Atalyň durmuşy şu aşakdaky, rewolýusiýadan ozal.

1. Üzümli ýeri 17570 metr, suwy 6 sagat.

2. Gury ýeri 4 gektar takmyn bolan.

3. Mallary bizde maglumat bolmany üçin belli däl.

4. Obada dükany bolan, Hywa gatnap söwda eden.

5. 1926-njy we 1927-nji ýylda gulaklyga çekilen.

6. Gulaklyga çekilenden soň zadanýa çydaman Tejene göçüp giden.

7. Rewolýusiýadan ozal gapysynda batrak saklan.

9. Garryýew Ataly rewolýusiýadan ozal ýerini, suwuny daýhançylyga ekdirmäge beren.

14. Garryýew Ataly rewolýusiýadan soň öz howlusynda az wagt mugallym bolup işlän. Näçe işläni bize belli däl.

Sprawka şunuň şunuň dogrulygyna

Gökje oba ispolkomynyň

Başlygy (GOLY)

Sekretar (GOLY)

Soňra şu sprawkany tutaryk edinip, sülçüler gijesi-gündizi üznüksiz dowam eden sorag etmelerde oňa azar ýamanyny bererler. «Sosial gelip çykyşyňy, käbir käbir dokumentlerde baý-kulak ogludygyňy gizläpsiň, sowet hökümetini aldapsyň, ýaman niýet bilen partiýa sümülip giripsiň» diýýärler. B. Garryýew 1947-nji ýylda partiýa hataryna giripdir. 1951-nji ýylyň fewralynda berk pariýa käýinjini berip, TSSR Ylymlar akademiýasynyň Dil we edebiýat institutynyň direktory wezipesinden boşadýarlar. Şol ýylyň 13-nji dekabrynda

bolsa TK(b)P MK-nyň Býurosy ony partiýa hataryndan çykarýar.

Uniwersitetiň talyplary Baýmuhammet Atalyýewiçiň iki wuzy, pedagogik institutyň filologiýa fakultetini we medisina institutyny tamamlandygyndan habarlydylar. Ýöne onuň dört ugurdan ýokary ýokary bilim alandygyny bilmeýärdiler. Tussag edilen B. Garryýewiň alty tomluk işindäki maglumat hatyndan onuň pedinistitutynyň taryh hem-de geografiýa fakultetlerini-de gutarandygyny okap, geň galdym. Mugallymyň tussag edilenden soňky çeken jebir-jepalary baradaky gürrüňi soňa goýup, onuň üstüne abanan gara buludyň töhmet silini eňterip başlamazynyň öň ýanyndaky dokumentleriň käbiri bilen tanyşmagymyzy dowam etdireliň:

**«KARAR**

(tussag etmek üçin)

Aşgabat ş. 1952-nji ýylyň 22-nji oktýabry

Men, TSSR DHM-niň 5-nji bölüminiň 1-nji otdeleniýesiniň naçalnigi, döwlet howpsuzlygynyň maýory Mihalýan TSSR-iň Aşgabat oblastynyň Aşgabat raýonynyň Gökje obasynda 1914-nji ýylda doglan, türkmen, SSSR-iň graždany, maşgalaly, harby borçly,

partiýada däl, ýokary bilimli, filologiýa ylymlarynyň doktory, TSSR Ylymlar akademiýasynyň Dil we Edebiýat institutynda uly ylmy işgär bolup işleýän, Aşgabat şäheriniň Guşgy köçesiniň 53-a jaýynda ýaşaýan Baýmuhammet Garryýewiň jenaýatçylykly hereketleri barada TSSR DHM-ine gelip gowşan materiallara garamak bilen

**TAPDYM:**

Sosial-keseki sredadan gelip çykan, Kommunistik partiýa we sowet döwletine duşmançylykly garaýyşly adam bolan Garryýew birnäçe ýyllaryň dowamynda sowet gurluşyny agdarmaga hem-de SSSR-de buržuaz tertiplerini dikeltmäge gönükdirilen, antisowet milletçilikli iş bilen meşgullanýar.

...Garryýew Aşgabatda hereket eden antisowet toparlanyşygynyň çlenleriniň biri bolupdyr. Ol toparlanyşyk türkmen halkynyň taryhyny bilgeşleýin ýoýupdyr. Taryhy halk eposlary hökmünde görkezip, türkmen hanlaryny, beglerini öwüp arşa çykarýan, buržuaz milletçiligi, panislamizm we pantürkizm ideýalaryny propagandirleýän reaksion-milletçilikli eserleri neşir edipdir.

Deslapky derňewiň materiallary arkaly Garryýewiň

dönükçilikli pikirler aýdandygy, anglo-amerikan imperialistleriniň SSSR-iň üstüne çozup, olaryň SSSR-den üstün çykjakdygyna bil baglandygy belli edildi...»

Şundan soňra şaýatlaryň görkezmeleri sanalyp geçilýär. Baýmuhammet Garryýewden, Orazmämmet Abdalowdan we Mäti Kösäýewden ybarat antisowet toparlanyşyk, hamala, buržuaz-milletçilikli ideýalary guramaçylykly propagandirlänmişin, halky antisowet ruha gönükdirenmişin, SSSR halklarynyň arasynda milli aýrabaşgalyga tutaşdyranmyşyn...

...Şunuň ýaly iş geçirmek bilen, bu toparlanyşyk Germaniýa bilen uruş ýyllarynda biziň ýeňilmegimize, sowet döwletiniň heläk bolmagyna we köne düzgünleriň dikeldilmegine garaşanmyşyn... Germaniýa bilen uruş tamamlanandan soň olar SSSR bilen anglo-amerikanlaryň arasynda urşuň gutulgusyzdygy, şol uruşda Sowet Soýuzynyň ýeňiljekdigi we rewolýusiýadan öňki düzgüniň dikeldiljekdigi barada gürrüň edenmişler.

Şaýatlaryň biri bolsa Garryýewi barypýatdan milletçi we antisowet hökmünde görkezipdir:

«...Antisowet şahsyýet bolmak bilen, Garryýew baryp ýatan milletçidir. 1947-1948-nji ýyllarda Garryýewiň

işdäki kabinetinde biz respublikadaky ýaşaýyş baradaky gürrüňe gyzyşyp gitdik. Şonda Garryýew maňa Türkmenistanda hiç zadyň üýtgemändigini, onuň patyşa döwründe koloniýa bolandygyny, sowet döwründe-de hut şonuň ýaly koloniýa bolmagynda galýandygyny aýtdy. Sowet häkimiýeti döwründe ruslar ýolbaşçy wezipelere bilgeşleýin sowatsyz ýa-da çalasowat türkmenleri goýýarlar, olaryň orunbasarlygyna bolsa özleriniňkini, rus admalaryny goýýarlar, hakykatda şolar hem türkmen halkynyň ykbalyny çözýärler diýip Garryýew aýtdy.

Göräýmäge Türkmenistany türkmenleriň özleri dolandyrýan ýaly ýagdaý döredip, ruslar özleriniň dikmeleri arkaly respublikadan pagta, nebit, ýüň, garaköli bagana we beýleki çig mallary sorup äkidýärler».

Iň soňunda döwlet howpsuzlygynyň maýory Mihalýan Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýewi tussag etmeli diýen netijä gelýär. Bu karary TSSR döwlet howpsuzlyk ministri tassyklapdyr. TSSR DHM-niň goşunlarynyň harby prokurory, ýustisiýanyň maýory Gorbaçýow B. Garryýewi tussag etmäge ejaza beripdir.

B. A. Garryýew özüniň azatlykda uzak goýulmajakdygny bilipdir. Nury aga bu barada şeýle

ýatlaýar:

— Öýe 25-30 ýaşlaryndaky ýigit gelýär. Ýygy-ýygydan «Baýmuhammet Atalyýewiç ýokmy?» diýýär. Näme etjekdigini sorasagam «Konsultasiýa aljak» diýýär. Baýyň özi hem giç gelmäni çykardy. Her gün gije ikilerde öýüne dolanýar. Nirede bolanyny sorasagam «Talyplara konsultasiýa berdim» diýýär. Bu gün Aba ikimiz bileleşip tutduk ýakasyndan. Dogryňy aýt diýdik. Onsoň boýun almaly boldy bialaç. Özüniň güpbasdy ediläýmeginden çekinip öýe giç gelýändigini aýtdy.

Şu ýerde Garryýewleriň alymlar maşgalasy barada giňişleýin durup geçeliň. «Ataly aganyň ähli ogly ene-atasynyň wesýetine eýerip, öz ömürlerini ylma bagyşlaýarlar we filolog, fizik, matematik hökmünde özlerini tanadan görnükli sowet alymlary bolup ýetişýärler. Bir giden alym çykan Garryýewleriň maşgalasy hakynda soň-soňlar «Sowetskiý soýuz», «Ogonýok», «Nauka i religiýa», ÝUNESKO-nyň işi boýunça SSSR-iň Komissiýasynyň býulletenleri, Hindistanyň, Ýaponiýanyň, Çehoslowakiýanyň žurnallary, SSKP MK-nyň organy bolan «Prawda» gazeti, «Izwestiýa» gazeti, respublikamyzyň gazetleri we žurnalalry gürrüň berýärler. Hakykatdan-da, bir ýönekeý daýhanyň çagalary sowet ylmynda yz

galdyran adamlar bolup ýetişýärler. Olaryň ulusy Baýmuhammet — Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň akademigi, filologiýa ylymlarynyň doktory, professor, gündogar folklory boýunça uly spesialist, Magtymgulynyň döredijiligini derňän alym, 200-den gowrak işiň awtory, diňe bir biziň ýurdumyzda däl, eýsem daşary ýurtlarda-da ylmy abraýy ykrar edilen filolog. Ondan kiçi ogly Nury — dosent, fizika matematika ylymlarynyň kandidaty, kwanter dünýäsine degişli täsin bölejikler bolan eksitonlar boýunça iňňän uly açyşyň awtory. Bu açyş ylmyň täze pudaklarynyň esasyny goýýar. Onuň üçünji ogly Aba — pedagogik ylymlaryň kandidaty, dosent, olaryň maşgalasyndaky pedagogika däplerini dowam etdirijileriň esasysy, matematik. Iň kiçi ogly Seýit hem filologiýa ylymlarynyň doktory, professor, Türkmenistanyň döwlet baýragynyň laureaty bolýar, gündogar edebiýaty boýunça onlarça ylmy-barlag işini ýazýar».

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasy tarapyndan çapa taýýaralanylan «Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýew» diýen kitapdan alnan bu setirlerde alym doganlar barada gysgadan düşnükli maglumatlar berilýär. Doganlardan diňe Nury Atalyýewiç Garryýew häzir sag-aman

ýaşap we Türkmenistanyň Politehniki institutynda talyplara sapak berip ýör. Nury aga özlerine degişli dokumentleri, suratlary, ýatlamalary, gazetleri we žurnallary aýawly saklaýar. Ýaşynyň ýedinji onlukdan geçendigine garamazdan ýaşulynyň ýatkeşligi güýçli. Özleriniň maşgalasynyň durmuşyna degişli seneleri, maglumatlary ýalňyşman aýdýar. Käbirlerini bolsa, janyny barlamak üçin ýazgylaryna seredende, dogry bolup çykýar.

Nury aganyň aýtmagyna görä, agasynyň üstüne howp abanýandygyny ilkinjileriň biri bolup duýupdyr. Dogrusy özi duýman durmuş duýmaga mejbur edipdir. Ellinji ýyllaryň başynda Nury Leningradda (häzirki Sankt-Peterburgda) ylmy-barlag ylmy barlag institutynda dünýä belli akademik A. F. Ioffäniň ýolbaşçylygynda aspiranturany tamamlapdyr. Şol institut häzir A. F. Ioffäniň adyny göterýär. Özi-de gaty abraýly, ýokary derejeli institut ekeni. Ol ýere aspirantura we işe alynýanlary berk elekden geçiripdirler. Hatda garyndaşlaryň biri bezzatçylyk edip milisiýa düşäýse-de, üç günüň içinde habar bermeli ekeni. «Ähli labaratoriýalary ýaragly esgerler goraýarlar» diýip, Nury aga ýatlaýar. Şol ýerde aspiranturany üstünlikli tamamlan, fizika ylmynda

dünýä möçberli açyş eden alyma dissertasiýa goramaga rugsat bermändirler. Alymlar sowetiniň mejlisine baranda, her gezek bir bahana bilen gaýra çekipdirler. «Bir gezek spesialistlerimiz gelip ýetişmedi» diýseler, beýleki gezek ýene şoňa çalymdaş bahana tapylyp durupdyr.

1972-nji ýylyň dekabrynda SSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky açyşlar we oýlap tapyşlar baradaky komitetiň mejlisinde Nury Garryýewe eden şol açyşy baradaky diplom gowşurylypdyr. «Nauka i religiýa» žurnalynyň 1981-nji ýyldaky 8-nji sanynda çap edilen «Garryýewler — alymlar dinastiýasy» diýen makalada «Şunuň ýaly möçberli açyş etmek ägirt uly alymlara-da seýrek miýesser edýär» diýlip ýazylypdyr. Soňra žurnalist Nury aganyň Leningraddaky institutdan işden gaýtmagynyň sebäbi barada gürrüň edende, hamala, onuň özüniň eýeläp biljek iň uly belentligi alandygyny, şoňa görä-de pedagogik işe geçmegi dogry hasaplandygyny görkezýär. Hakykatda welin beýle däldi. Nury Garryýewiň dissertasiýa goramak möhletini gaýra çekip-çekip, ahyry bir günem institutyň gapysyndan girmäge rugsat berýän dokumentini onuň elinden alýarlar. Nury aýalyny we çagalaryny alyp Aşgabada gaýtmaga mejbur bolupdyr.

1952-nji ýylyň sentýabrynda doganlaryň üçünjisi Aba Garryýew hem Moskwada dissertasiýa goramaly ekeni. Oňa hem goramaga rugsat bermeýärler. «Türkmenistandan telegramma geldi. Düşünişmezlik bar. Şony aýdyňlaşdyrmaly» diýýärler. Soňra doganyň tussag edilenini aýtmansyň diýip, Aba Garryýewi hem partiýadan çykarmakçy bolupdyrlar. Partiýanyň şäherkomynyň býurosy şeýle karar kabul edipdir. Ýöne partiýanyň oblast komitetinde berk käýinç bermek bilen partiýa hatarynda galdyrýarlar. Obkomyň býurosynda TSSR döwlet howpsuzlyk ministri Aba Garryýewi berk käýinç bilen partiýa hatarynda goýmaly diýen teklibe garşy bolmandyr. Bu barada Nury aga Aba Atalyýewiç gürrüň beripdir.

— Aba partiýa agzasy bolansoň hiç zada goşulyp bilenok. Sebäbi şol döwürde partbilediňi alaýsalar, seniň üçin ähli ýollaryň ýapyldygy, hiç ýerden iş tapmarsyň. Men bolsa partiýa girmedim. Hatda komsomol hem bolmandym. Şonuň üçinem Baýy boşatmak ugrunda ýokary guramalara arza, şikaýat ýazmak bilen esasan men meşgullanmaly boldum. Ejem, Baýyň aýaly Jeren, gyzy Aýna, hemmämiz onuň nähak basylandygy barada ýazýardyk — diýip Nury aga aýdýar.

Ýöne Nury Garryýewiň öz ýagdaýy-da öwerlik

bolmandyr. Nurydyr Aba agalary Baýmuhammet bilen egri oturyp, dogry sözleşenlerinden soň belli bir taýýarlyk işlerini görüpdirler. Nury aga aýalyny, çagalaryny atasy öýüne, Leningrada ugradypdyr. Özi neneň-niçik bolarka garaşmagy makul bilipdir. Baýmuhammet Atalyýewiçiň amanat kassalardaky pullaryny basylmazyndan öň alypdyrlar.

— Soňra Baýyň puluna Moskwanyň eteginden daça öýjagazyny satyn aldyk. Maşgalamyzyň ähli çlenleri şol ýerde ýaşady. Ejem pahyr-a şol ýerde aradan çykdy. Aşgabada getirip, kakamyň ýanynda jaýladyk — diýip, Nury aga gowgaly günler baradaky söhbedini dowam etdirýär: — Baý tutulan men paspordyma Aşgabatdan gidýändigim barada bellik etdirip, ýola düşdüm. «Nirä gitjek?» diýenlerinde Mara diýip jogap berýärin. Özümem göni Moskwa ugradym. Maryda Seýit öňümden çykdy. Baýy äkidendiklerini aýtdym. Seýit meni ugradyp gelse, öýüni döküpdirler. Ýöne tapan zatlary bolmandyr. Hiç hili milletçilikli edebiýadam ýok, beýlekem.

56-njy nomerli order bilen tussag edilen B. A. Garryýewiň özi baradaky maglumat hatynda aýaly Jeren Hydyrowanyň öý hojalykçydygy, 70 ýaşly ejesi Hüýrjemal Posman gyzyny ekleýändigi, durmuşa çykyp,

aýratyn ýaşaýan bir gyzynyň bardygy görkezilipdir. Günäkärlenýänden şol günüň ertesi, ýagny 1952-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda ilkinji gezek sorag edýärler. Sülçi TSSR DHM-niň derňew bölüminiň otdeleniýesiniň naçalniginiň orunbasary, döwlet hwpsuzlygynyň kapitany Leonidow. Sorag 12:00-da başlanyp, 17 sagat 05 minutda tamamlanypdyr. Şol gün agşam 21 sagat 20 minutda ýene-de täzeden sorag etmäge girişilipdir. Her biri 4-5 sagada çeken soraglaryň protokoly golýazmada bary-ýogy 1,5-2 sahypa, ol ýerde professoryň nägünlere sezewar edilendigi belli däl. Bu barada soň, Irkutskide lagerde tussaglyk möhletini geçirip ýörkä dürli instansiýalara ýazan hatynda mugallymyň özi gürrüň berer.

B. A. Garryýew turuwbaşdan özüne ýöňkelen günäleri inkär edýär. Ilkinji soraglarda Garryýewleriň maşgalasynyň ýaşaýşynyň dürli döwürleri barada soralýar. Baýmuhammet 1924-nji ýyldan başlap, Aşgabat şäherinde ýaşap ýaşap başlaýar. Kakasynyň tanşy, buhgalter bolup işleýän Wiktor Lukiç Iwanowyň öýünde bolup, rus mekdebinde okaýar. 1929-njy ýylda onuň kakasy Ataly agany, ejesi Hüýrjemal ejäni, jigileri Nuryny, Abany, Seýidi kulaklar maşgalasy hökmünde sürgün edýärler. Baýmuhammedi we onuň durmuşa

çykan iki sany gyz doganyny aýry maşgala bolup ýaşansoňlar kulakçylyga çekmändirler. Soraglaryň protokollarynda görkezilişine görä, Baýmuhammet Atalyýewiç komsomola girmändir. 1947-nji ýyldan 1951-nji ýylyň dekabryna çenli SSKP agzasy bolupdyr. Partiýa girmäge oňa Mäti Kösäýew, Abdylla Gurbanow we SSSR Ylymlar akademiýasynyň Türkmenistan filialynyň işgäri Iwan Wasilýewiç Starostin rekomendasiýa beripdirler.

1952-nji ýylyň 31-nji oktýabrynda dilen soragda B. A. Garryýew özüni hiç haçan sowet häkimiýetine zyýanly adam hasap etmändigini we häzirem zyýanly adam hasap etmeýändigini aýdypdyr. Şol ýylyň 4-nji noýabrynda 21 sagat 35 minutda başlanyp, 5-nji noýabrda 01 sagat 40 minutda tamamlanan soragda hiç haçan we hiç bir ýerde özüniň uruşda ýeňiljekdigimiz baradaky göwnüçökgün sözleri aýtmandygyny nygtapdyr. Ine bu bolsa 18-nji noýabrda edilen soragyň protokolyndan:

Sülçi: — Kakaň ýogalanda, molla çagyrypsyň. Aýat okalanda, eliňi ýüzüňe sylypsyň.

B. A. Garryýew: — Mollany men çagyramok. Töwir edemok.

Şaýatlaryň biri şunuň ýaly görkezme beripdir: «Garryýew maňa şeýle diýdi. Men sowet häkimiýetine borçly däl. Kakam garyp adam däldi, ol maňa bilimem bererdi, professoram ederdi».

Hawa, professor özüne ýöňkelýän günäleri birin-birin inkär edýär. 1952-nji ýylyň fewralynda SSSR YA-nyň Türkmenistan filialynyň açyk partiýa ýygnagynda özüniň syýasy ýalňyşyny boýun almaýar. Hatda şaýatlar bilen ýüzbe-ýüz duşurylanda-da özüni merdemsi alyp barypdyr, 2-nji dekabrda bolan ýüzbe-ýüz duşuşykda şaýada şeýle soraglar beripdir:

B. A. Garryýew: — 1. Ol (şaýat) şu ýerde meniň antisowet gürrüňler edendigimi aýtdy. Şol gürrüňleri kim eşidipdir?

2. Şaýat, hamal, meniň ömrüm boýy nädogry, ýalan zatlary aýdyp gelendigimi, ýykgynçylykly iş geçirendigimi tassyklaýar. Maňa milletçi ýarlygy dakylansoň, şaýat «Hudaý urany pygamber hasasy bilen dürter» diýenlerini edýär.

Birnäçe aýlap özüni mert alyp barsa-da ahyrsoňunda professory boýun egdiripdirler. 1953-nji ýylyň 2-nji fewralynda TSSR döwlet howpsuzlygy ministrine ýazan arzasynda, 5-nji fewralda edilen soragda özüne

ýöňkelýän günäleri boýun alýar.

«Türkmenistan SSR döwlet howpsuzlygy ministrine.

Tussag Baýmuhammet Garryýewden

Arza

Maňa derňewiň tamamlanandygy barada aýdylanda, özümiň derňew işimiň materiallary bilen tanşyp görüp, türmäniň kamerasynda oturyşyma derňewde özümi alyp barşymyň düýbünden ýerliksizdigi barada oýlandym. Derňewiň dowam eden ähli döwründe (üç aý) men özüme ýöňkelen günäni inkär etdim, antisowet şahsyýet bolandygymy we sowet häkimiýetiniň garşysyna göreşendigimi hem inkär etdim.

Graždanin ministr, şuňa özümiň çyn ýürekden ökünýändigimi nazara almagyňyzy haýyş edýärin we öz işim barada şu aşakdakylary aýdyňlaşdyrmak isleýärin.

1. Watançylyk urşy ýyllarynda ýeňileris öýdüp göwnüçökgünlige ýüz urandygym barada günä bildirildi. Men özüme bildirilen şeýle günäkärlemek dogry we derňewiň materiallary bilen subut edilipdir hasap edýärin. Şu barada aşakdakylary aýdyňlaşdyrýaryn: Meniň bilen ýüzbe-ýüz duşuşykda, şaýat... 1941-nji ýylyň ahyrlarynda, biziň öýümize

gelende, ikimiziň Moskwa radiosynyň gepleşiklerini diňländigimizi görkezdi. Ol gepleşiklerde frontdaky ýagdaýlar barada habar berilýärdi. Men onuň bilen eden gürrüňimde hakykatdan-da sowet radiosynyň we metbugatynyň adresine töhmetçilikli sözleri aýtdym. Sowet radiosy we metbugaty harby hereketler barada nädogry habat berýärler, nemeslerem adam, olar parahat ilata degmeýärler diýdim. Şunuň ýaly töhmetçilikli sözleri aýtmagymyň sebäbi, şol maallar men sowet häkimiýetine ynanmaýardym, nemesler bu uruşda sowet häkimiýetini ýok edip, territoriýany basyp almagy maksat edinýärler, nemesleriň düzgüni berkarar edilenden soň baýlyklary öndürmek üçin işçi güýji gerek bolýar hasaplaýardym.

Şaýat bilen ýüzbe-ýüz duşuşykda onuň ýanynda boýun almaga utanandygym üçin, şu faktyň dogrulygyny tassyklamadym. Şonda meniň öz ömrümde gödek ýalňyşlyga ýol berendigime şeýle etmek bilen derňew organlaryny bulaşdyrandygyma indi akyl ýetirdim.

1941-nji ýylda bolan şunuň ýaly fakt barada başga bir şaýat hem görkezme beripdir. Ýüzbe-ýüz duşuşykda men onuňam görkezmelerini inkär etdim. Sebäbi şaýat şol ýyllarda meniň göwnüçökgünlikli garaýyşlarymy doly goldaýardy, frontdaky we tyldaky ýagdaýlar barada

antisowet, töhmetçilikli sözleri aýdýardy. Ýüzbe-ýüz duşuşykda graždanin şaýadyň göwnüçökgün, antisowet garaýyşlary ýaýradandygymy paş edip, özüniň meniň bilen bilelikde eden şunuň ýaly etmişleri barada dil ýarmandygy janymy agyrtdy. Onsoňam men şaýadyň antisowet pikirleri barada aýtmak biderek bolar, hiç kim maňa ynanmaz hasap etdim.

Şaýadyň men tarapdan göwnüçökgün, antisowet garaýyşlaryň aýdylandygy baradaky görkezmeleriniň dogrudygyny tassyklaýaryn...

Graždanin ministr, şu gün men öz inisiatiwam boýunça duşmançylykly antisowet işim barada dogruçyl, akgöwünli, öz ellerim bilen ýazylan görkezmeleri berip başladym. Bu görkezmeleri men dowam etdirerin. Şoňa görä-de şu görkezmelerimi meniň derňew işime çatmak hem-de harby tribunal meniň işime seredende olary nazar almak baradaky haýyşymy unutmazlygyňyzy haýyş edýärin.

B. Garryýew

1953-nji ýylyň 31-nji ýanwary

Arzany kabul edip alanlar:

TSSR DHM-niň derňew bölüminiň naçalnigi döwlet

howpsuzlygynyň podpolkownigi

(KUZNESOW)

TSSR DHM-niň derňew bölüminiň otdeleniýesiniň naçalniginiň orunbasary, döwlet howpsuzlygynyň maýory

(LEONIDOW)»

Şundan soň B. Garryýew şular ýaly arzalary ýene-de ýazypdyr. Arzalary ýene-de Kuznesow bilen Leonidow kabul edip alypdyrlar. Şolaryň biriniň aşagyna «1953-nji ýylyň 3-4-nji fewraly» diýlen sene goýlupdyr. Hormatly okyjy, şu senä üns ber. Ol oýlanmaga mejbur edýär. B. Garryýew bu arzany nirede ýazdyka? Türmäniň kamerasyndamy ýa-da sülçiniň kabinetinde? Näme sebäbe görä arzanyň aşagyndaky senede iki gün görkezilipdir. Dogry, mugallym ony iki günde-de, belki ondanam köp wagtlap ýazyp biler. Şeýle bolsa arzanyň iň soňky nokady goýlan güni görkezmek ýeterlik dälmikä? Arzany kabul edenler hem bu barada aýtmandyrlar. Munuň özi mugallymyň bu arzalary ýeke özüniň, öz erkine ýazmandygyny aňladýar. B. Garryýew 2-nji fewralda-da şu zeýilli arzalaryň birini ýazypdyr. Diýmek, bu ýerde galplyk, diýdimzorluk, güýç ulanmak, mejbur etmek bolaýmaly. Soň munuň

özi hakykatdanam şeýle bolup çykýar. Ol barada ýene-de gürrüň ederis.

Nury aganyň aýtmagyna görä, Baýmuhammet Atalyýewiç ozalam türmäniň howasyndan «dem alyp» görüpdir. Tejende işläp ýörkä, ony kakasy bilen bilelikde-de türmä salypdyrlar. Tejene bolsa olaryň maşgalasyny baý-kulak hökmünde sürgün edipdirler.

— Bizi respublikamyzda özümiz haýsy raýony islesek, şoňa gitmeli etdiler. Tejene gitmegi makul bildik. 1929-njy ýylyň 29-njy aprelinde Tejene bardyk. Ikinji Babadaýhan oba Sowetiniň Baraklar obasynda ýerleşdik. Şol ýerde daşkyrak garyndaşymyz bardy. Öýümizi otla ýükläp äkitdiler. Sygrymyzy, ýabymyzy garyndaşlarymyzyň biri sürekläp alyp bardy. Gowuja ýaşap ýördük. Baý strahowaniýe agentliginde dilmaçlyk edýärdi. Ol aýaly bilen şäheriň gyrasynda özbaşdak ýaşaýardy. Bir gün kakam bilen Baýy tutdular. Ikisem Tejeniň türmesinde ýatyr. Men oba Sowetinden Baýyň bizden aýry ýaşaýandygy barada sprawka alyp eltip berenimden soň, Baýy boşatdylar.

Bir gün ejem Baýyň gyzy bolupdyr diýip, eşejigini münüp gitdi. Iň kiçimiz Seýidem elinde, Aba ikimiz öýde galdyk. Ir bilen oba döküldiler. Bize-de «Hiç

ýana gitmäň. Mal-garaňyzy meýdana goýbermäň» diýip geçip gitdiler. Onsoň gelip Aba ikimizem türmä äkitdiler. Mallarymyzy sürdüler. Ejem öýe gelse, biz ýok. Goňşy-golamlar bolan ýagdaýy aýdypdyrlar. Ejem ýene yzyna Baýlara barýar. Ertesi türmä geldi. Tejeniň türmesem adamdan doly.

Ol mahal kakamy Aşgabadyň türmesine türmesine geçiripdiler. Baý hem Aşgabada gaýdypdy. Sarahs taraplardan tutulyp getirilenlerem jemläp wokzalda wagonlara basdylar. Şonda erbet aglaşyk boldy. Tussag edilenler, ugradýanlar hemmesi aglaýar. Müň adam dagy birden aglasa, gaty erbet bolýan ekeni. Şol agy sesi şunça ýyllar ötse-de, gulagymdan gidenok. Hemmäni Aşgabadyň golaýyna getirip düşürdiler. Ejem ýaş çagaly bolansoň ulagly alyp gaýtdylar. Bizi bolsa elleri ýalaňaç gylyçlu, atly soldatlar öňlerine salyp, sürüp gelýärdiler. Aýyň ýagtysyna gylyçlary ýalp-ýalp edýär. Respublikanyň ähli ýerinden ýygnalan adamlary Aşgabatda häzirki respublikan harby komissariatyň ýerleşýän ýerine jemlediler. Howa sowuk. Köpüsiniň aýakgaby, geýimem ýok. Kakamy hem getirdiler.

Ýygnanan jemendäniň ählisini goýun ýüklän ýaly wagona basyp, Syrderýa sary iberdiler. Ýük otlularyda. Iýgi-içgi ýok. Buşukmaga-da goýberenoklar.

Amyderýadan geçenimizden soň gapyny açdylar. Çörek berdiler. Her wagona starosta bellediler. Garyndaşy bolanlar ony-muny berýärler. Wagonlardaky adamlar dürli milletiň wekilleri. Orslaram, malakanlaram, başgalaram kän.

Nury aganyň Syrderýada lagerde gören görgüleri baradaky gürrüňleri diňläniňde, depe saçyň üýşüp gidýär. Sürgün edilenleri Syrderýa stansiýasyna eltip, gije aý-aýdyňda garyň üstüne döküpdirler. Goşa örküçli düýelere mündirip lagerlere äkidipdirler. Ýalaňaç sährada adamlar açlykdan ölüpdir. Ýaş çagalar basym gyrlypdyr. Garahassalyk başlapdyr. Ýuwnup-ardynmak barada gürrüňem ýok. Içmäge-de suw ýetenok. Olar «Nižniý Hansk» diýen sowhozda, 5-nji OGPU-nyň 4-nji lagerinde bolupdyrlar. 8-10 ýaşly çagalar hem işe gitmeli ekeni. Işe çykmasa, çörek bermändirler. Nury ol ýerde ýetginjeklere brigadirlik edipdir.

– Aýakgabymyz galoşdy. Bir gezek ejem pahyr garyň içinden gelýärkä aýagyndaky galoşyň gaçyp galanyny bilmändir. Ýatlar ýaly bolmady. Ýaz çykandan soň garyň garahassalygy başlady – diýip Nury aga sözüni dowam etdirýär. – Bitimizi şänik ýaly edip, bahara ýetdik. Büre köpeldi. Geň gören zadym büre bitleri iýýän ekeni. 1933-nji ýylyň 23-nji awgustynda Baý bizi

alyp gaýtdy ol dowzahdan. Maýyp diýip sprawka alan ekeni. «Aşgabat şäherinde ýaşamaga hukugyňyz ýok» diýdiler. Şonda-da Aşgabatda galdyk. Gidrotehnikuma okuwa girdim.

Nury aga gidrotehnikumda uzak okamak miýesser etmändir. Bir gün okuwa gelse, sosial gelip çykyşyny gizlänligi üçin diýip okuwdan çykarylýandygy barada buýruk asyp goýupdyrlar. Nury gürleşip görmek niýeti bilen mugallymlaryň ýanyna barmakçy bolupdyr. Ýöne okap ýörenleriň biri oňa gözlerine görnäýse, egnindäki eşiklerininiňem alynjakdygyny duýdurypdyr. Tehnikum okuwçylara penjek, botinka berýän ekeni. Nury duran ýerinden yzyna gaýdýar we bir aýdan soň industrial politehnikuma ýerleşip, okap başlaýar. Bir ýyldan soň Nuryny şäher sowetine deputat saýlapdyrlar. Nury aga-da häzire çenli deputatlyk mandaty saklanyp galypdyr.

1953-nji ýylyň 25-nji fewralynda Türkmenitsan SSR Döwlet howpsuzlygy ministrliginiň we ministrligiň goşunlarynyň harby prokuraturasynyň ýolbaşçylary Baýmuhammet Garryýewi aýyplaýyş hatyny tassyklapdyrlar. Onda mugallymyň üstüne ýüklenmedik günä ýok. Sosial gelip çykyşyny gizläp, partiýa giripdir. Hakykatda bolsa ol uly söwdagär baýyň ogly ekeni. 1941-1945-njy ýyllaryň urşunda

SSSR ýeňiläýse, milletçilikli toparlanyşygyň agzalary Türkmenistanyň buržuaz Türkiýä birleşdirilmegini isläpdirler. B. Garryýew Aşgabatda döredilen antisowet toparlanyşygyň ýolbaşçylarynyň we ideologlarynyň biri bolupdyr. Ol şu toparlanyşygyň agzalary M. Kösäýew, O. Abdalow we beýlekiler bilen ençeme ýyllaryň dowamynda partiýa we Sowet döwletine garşy guramaçylykly işjeň göreş alyp barypdyrlar. Görer göze «halk» eposlary, «taryhy» eserler diýen bolup, reaksion, buržuaz-milletçilikli ideýalary metbugatda hem ilat arasynda wagyz-nesihat edip gelipdirler we şuňa meňzeşler.

Sud seljermesi bary-ýogy ýekeje günde tamamlanypdyr. 1953-nji ýylyň 13-nji martynda ýustisiýanyň polkownigi Korobowiçiň başlyklyk etmeginde TSSR DHM-niň goşunlarynyň harby tribunaly B. Garryýewi sud edýär. Halk oturdaşlary döwlet howpsuzlygynyň polkownigi Kolodýažnyý we döwlet howpsuzlygynyň uly leýtenanty Lapşin. Kapitan Samarskiý sekretarlyk edipdir, kiçi leýtenant Sarkisow dilmaç. TSSR DHM-niň goşunlarynyň harby prokurorynyň kömekçisi Pronçenko hem-de aklawjy Lebedinskaýa gatnaşypdyrlar.

Gepiň gysgasy sud B. Garryýewi günäkärlemek

üçin subutnamalar ýeterlik hasap edýär. TSSR Jenaýat kodeksiniň iki maddasy boýunça günä bildirilip, olaryň her biri boýunça 25 ýyl zähmet-düzediş lagerine ibermäge höküm edýär. Ýöne edilen jenaýatyň jemini nazara almak bilen, azatlykdan mahrum etmegiň möhletini 25 ýyl diýip belleýär. Ähli emlägini konfiksläp, 5 ýyl hem hukukdan kesmeli edilýär.

Sud şonuň ýaly-da B. Garryýewi «Zähmet Gyzyl Baýdak» ordeninden mahrum etmek baradaky haty SSR Soýuzynyň Ýokary Sowetiniň Prezidiumyna ibermegi karar edýär. Ony 1941-1945-nji ýyllarda çeken gahrymançylykly zähmeti üçin diýen medaldan, halk magaryfynyň otliçnigi nyşanyndan, TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň we SSSR Ylymlar akademiýasynyň Hormat hatlaryndan mahrum edýär.

Kassasion tertipde ýazylan arza netijesiz bolýar. Orta Aziýa okrugynyň DHM-niň goşunlarynyň harby tribulany şol ýylyň 3-nji aprelinde hökümi öňki güýjünde galdyrmak barada kesgitnama çykarýar. Şol kassasion arzada B. Garryýew özüne berlen jeza bilen doly ylalaşmaýandygyny ýazyp, günäsiniň geçilmegini haýyş edipdir. Bu şikaýat arzasynyň nähili ýazylandygy barada giňräk durup geçeliň. Her niçigem bolsa bigünä halyna 25 ýyl iş kesilmegini dogry hasap etmegi geň

ahyryn. Sowuk ülkelerdäki zähmet-düzediş lagerine gelenden mugallym ýokary instansiýalara özüniň nähak basylandygy barada ençeme hat ýollapdyr. SSKP MK-a iki gezek, SSSR-iň baş Prokuroryna, SSSR-iň Baş harby prokuroryna, SSSR Ylymlar akademiýasynyň prezidenti A. N. Nesmeýanowa ýüz tutupdyr. Şol hatlarda ol köp zat barada gürrüň beripdir.

B. Garryýew özüniň sud edilişinde sosialistik kanunçylygyň we sowet adamynyň konstitusion hukugynyň bozulandygyny görkezýän iki fakta ünsi çekipdir. Suduň yz ýanyndan kassasion tertipdäki arzasyny sülçiniň mejbur edip ýazdyrandygyny görkezipdir. Höküm çykarylanyndan soň sülçi Leonidow onuň ýanyna etaplaýyn türmä dört gezek (bir gezek Mihalýan bilen) gelipdir. Ol mugallymyň kassasion şikaýat däl-de, günäsiniň geçilmegi barada haýyşnama ýazmagyny ündäpdir. Şeýle etse, maşgalasynyň golaýynda galdyrmaga söz beripdir. Şondan soň B. Garryýew özüni Aşgabadyň zähmet-düzediş koloniýasynda galdyrmak we ylmy işde ulanmak baradaky haýyş bilen TSSR döwlet howpsuzlyk ministrine ýüz tutupdyr. Emma görşümiz ýaly, hiç hili peýda bolmandyr. Ony uzaga iberipdirler. Moskwa ýazan arzalarynyň birinde öz işini sökmegiň kyn

düşjekdigine, sebäbi respublikamyzda giňden tanalýan adamlaryň oňa dahyllydygyna gowy düşünýändigini görkezipdir.

Nury aganyň aýtmagyna görä, professorlary tussag etmek üçin iň bolmanda respublikanyň hökümetiniň ýolbaşçylarynyňbiriniň goly gerek. Biz professor B. Garryýewiň işinde şunuň ýaly dokumente gabat gelmedik. Ýöne uly wezipeli adamlary ýygnajak bolanlarynda degişli ýolbaşçylardan, mysal üçin, uly harby naçalnikleri basmak üçin harby ministr Woroşilowdan ygtyýar alandyklary barada okyjylar merkezi metbugatdan okandyrlar.

Moskwada işläp ýören Nury Garryýew agasyna kömek etmek üçin ylgama kemini goýmandyr. Ozaly bilen oňat aklawjy tapypdyr. Aklawjy suduň ýalňyşyny bada-bat ýüze çykarypdyr. Iki madda boýunça günäkärläp, hersi boýunça 25 ýyl diýilmegi eýýäm sud praktikasynda ýalňyşlyk. Diýmek, 50 ýyla höküm edildigi bolýar.

Aklawjy derňewde edilen jebir-sütemler barada gürrüň gozgalanda diňe hakykaty aýtmalydygyny düşündiripdir. Jikme-jik ýazmalydygyny, elbetde, sütem etmek köp gezek gaýtalanan bolsa, wagtyny, detallaryny

ýada salmagyň ýeňil düşmejekdigini, ýöne ilkinji gezek berlen jebri-jepanyň hiç wagt unudulmaýandygyny aýdypdyr.

Nury aga bular barada agasyna habar beripdir. Beriýa atylandan soň, zähmet-düzediş lagerindäkiler bilen seýregem bolsa hat alyşmaga, ony-muny ibermäge rugsat edilipdir. Şol iberilýän zatlaryň arasyna bilinmez ýaly edip türkmençe ýazypdyrlar. Professor lagerden iberen arza-şikaýatlarynda edilen sütemler barada görkezipdir. Ine, olaryň biri:

«SSR SOÝUZYNYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASYNYŇ PREZIDENTI akademik A. N. NESMEÝANOWA

TSSR YA-nyň ozalky habarçy-agzasy, professor B. A. GARRYÝEWDEN

Hormatly prezident!

Meniň şahsy işim bilen tanyşmaga mümkinçilik tapmagyňyzy we meniň reabilitirlenilmegime ýardam etmegiňizi haýyş edip Size ýüzlenýärin. Sebäbi bu işde şeýle bir ýagdaýlar bolup, sowet ylmynyň bähbitleriniň goragynda durýan edaranyň ýolbaşçysy hökmünde ol ýagdaýlar sizi gyzyklandyrmalydyr.

15 ýyldan gowrak men türkmen filologiýasy

boýunça derňew işlerini geçirdim, şonda 1945-nji ýyldan 1952-nji ýyla çenli TSSR YA- yň Taryh, dil we edebiýat institutyna ýolbaşçylyk etdim. Häzirki wagtda bolsa geçmişiň edebi-folklor ýadygärliklerine tankyt tarapyndan otrisatel baha berilmeginiň tipiki pidasy boldum...

Orientalistikada XI-XII asyrlaryň ýadygärligi hökmünde belli bolan «Gorkut ata» 1951-nji ýylda ilki başda Azerbaýjanda, soňra awtomatik suratda Türkmenistanda milletçilikli we halklaryň dostlugy ruhuna duşmançylykly eser hökmünde baha berilmegini tutaryk edinip, Aşgabatda heniz çapdan çykmadyk kitabyň redaktory bolan meni garaşylmadyk ýagdaýda buržuaz-milletçisi diýip yglan etdiler. Şondan soň meni partiýadan çykardylar. TSSR YA-nyň habarçy-agzasy diýen atdan mahrum etdiler. Meniň we ähli maşgalamyzyň yzarlanylmagy, gözden düşürilmegi, menden aç-açan öç alynmagy bilen tamamlanyldy: 1952-nji ýylda men şol ýylyň özünde howul-hara çörňelen fiktiw iş boýunça TSSR DHM organlary tarapyndan tussag edildim. Meniň töweregimde gurnalan oňşuksyzlyk, ylmy-barlag işlerime birtaraplaýyn baha berilmegi we 2-3 sany şaýadyň – prowokatorlaryň haýsydyr bir antisowet

sözleri diýendigim baradaky ýalan görkezmeleriniň alynmagy netijesinde hiç haçan etmedik jenaýatlarymda günäkärlendim. Meniň şular ýaly jenaýatlar edendigimi subut eder ýaly subutnamalaryň ýeterlik we ynandyryjy däldigine gözüni ýetirmek bilen, derňew ähli gujur-gaýratyny we ugurtapyjylygyny şol fantastiki jenaýatlara baş goşandygymy boýun almaga mejbur etmäge gönükdirdi. Şu niýet bilen türmede meniň garşyma derňewiň sowetler ýurdunda ýol berilmesiz metodlary: fiziki güýç ulanmak, uzak döwrüň dowamynda ukudan galdyrmak, nejislik bilen üstüňden gülünmegi, yzygiderli nerwleriňi oýnamak ulanyldy. Bir tarapdan, boýun almasam, menden we maşgalamdan gazaply öç alynjakdygy bilen gorkuzdylar, beýleki tarapdan, «ak ýürekden boýun alsam» basym boşadyljakdygym we ş. m. barada ýalandan söz berdiler. Lükgeligine ylma berlen, ozal sud edilmedik, DHM-niň içerki türmesinde şunuň ýaly ýagdaýa ömründe ilkinji gezek sezewar edilen adam, ýagny men ýygy-ýygydan keselleýärdim. TSSR DHM-niň käbir wezipeli işgärleri tarapyndan şeýle bir terrorizirlenildim we aldandym welin, ýalan şaýatlaryň heňe gelmeýän görkezmelerini üç aýdan gowrak wagtlap inkär edenimden soň olary «boýun almaga» mejbur boldum. Derňew meni öz

günälerimiň üstüni açan häsiýetdäki arzalary ýazmaga, şonuň ýaly-da berilýän soraglara jogaplar derňewiň özi tarapyndan (sülçi Leonidow, derňew bölüminiň naçalnigi Kuznesow, döwlet howpsuzlygy ministriniň orunbasary Kuznesow) ozalyndan ýazylyp goýlan sorag etmeleriň protokollary diýilýänlere gol çekmäge mejbur etdi. Hatda kassasion arzada hem men derňewiň diýen sözlerini ýazdym. Onda «hökümi dogry hasaplaýaryn we onuň ýatyrylmagyny gazanmagy niýet etmeýärin...» diýen ýaly tassyklamalar häsiýetlidir. Şular ýaly tassyklamalaryň we bu «dokumentiň» tutuşlygyna derňewe ýokarda durýan instansiýalary bulaşyklyga salmak üçin zerur bolandygy görnüp durandyr. Özi-de bu dokument TSSR DHM-niň goşunlarynyň tribunaly maňa ähli emlägimi konfiksläp, bäş ýyllap hukukdan kesmek we 25 ýyllap zähmet-düzediş lagerinde tussaglykda saklamak barada höküm çykarandan soň ýazyldy. Harby tribunalyň mejlisinde bolsa men derňewiň zor bilen gol çekdiren zatlaryny mehaniki suratda gaýtaladym.

Şu ýerde şaýatlar diýilýänleriň ýalan görkezmelerini getirmegiň we olar hem-de olaryň arkasynda duranlar bilen meniň gatnaşyklaryma anyk häsiýetnama bermegiň hajaty ýok. Olaryň hereketleriniň hakyky

motiwini barlamakdan añsat zat ýok. Şonda şahsy öýke-kineler, konkurensiýa we bäsleşik esasynda meniň bilen duşmançylyk edýänleri görersiňiz, maşgalanyň aryny almak adaty boýunça hereket edýänlerem taparsyňyz. Bularyň hakykatdanam şeýledigini meniň işime täzeden, obýektiw derňew geçirilende subut ederin. Diňe bir maňa ýöňkelýän antisowet gürrüňler, buržuaz-milletçilikli garaýyşlar däl, eýsem müň ýyla golaý mundan ozal döredilen edebiýat we folklor ýadygärliklerini neşir etmek arkaly, hamala, meniň bilgeşleýin baý-feodal jemgyýetini (delil – men baýyň ogly!) ideallaşdyrandygym, yslam dinini propagandirländigim we şuňa meňzeşler barada günäkärlenmegimem hiç bir jähtden esassyzdyr. Ol ýadygärlikler ylymlar akademiýasynyň we döwlet neşirýatlarynyň respublikanyň ýolbaşçy instansiýalary tarapyndan tassyklanylýan planlaryna girizilendir. Ýöňkelýän günäleriň näderejede ýerliksizdigine, hökümiň näderejede gazaplydygyna we düşnüksizdigine bolmanda şu faktlaram şaýatlyk edýär.

Derňew we sud, şonuň ýaly-da meniň ýalan şaýatlarym köne jemgyýeti ideallaşdyrmakda aýplamak üçin esasy tutaryk hökmünde baý maşgaladan gelip çykandygymy ýanjaýarlar. Özümiň kulak maşgalasyndandygymy inkär

etmän (ýogsa-da kakam Sowet häkimiýetiniň ilkinji ýyllarynda obamyzdaky ilkinji mekdepde müdirlik etdi we 1939-njy ýylda işçi mahaly aradan çykdy), meniň we biziň maşgalamyzyň sowet häkimiýetiniň ýyllary içinde ýeten derejesine ýetmegiň başga hili gurluşda asla ýadyňa-oýuňa getirmegiňem mümkin däldigini nygtamalydyryn. Kommunistik partiýanyň milli syýasatynyň saýasynda Sowet döwletiniň maňa şeýle bilim berendigini, mähriban ýurdumda şunuň ýaly maddy abadançylyk we sosial ýagdaý döredendigini, köne, patriarhal Türkmenistanda bu barada meniň arzuwam edip bilmejekdigimi aýtmagam ýeterlikdir. Sowet gurluşyna duşmançylykly duýgular dörär ýaly mende hiç hili şahsy «maddy» esaslar ýokdy we bolubam biljek däldi. Watan öňündäki borjuma düşünip, men ylym we magaryf meýdanynda sowet jemgyýetine aňrybaş peýda getirmäge çalyşdym. Şonuň bilen birlikde şahsy durmuşymda we işlerimde ol ýa-da beýleki ýalňyşlaryň, geçmişiň ol ýa-da beýleki şahyry barada bişişmedik pikir ýöretmeleriň bolandygyny inkär edemok. Ýöne olar ýaman niýet netijesinde ýüze çykan däldir. 1948-nji ýyla çenli ýekeje-de türkmen professor bolmadyk respublikamyzda ylmyň ösüşi bilen meniň kämilleşendigimi aňladýandyr. Ynha,

meniň biografiýamdan – ylmy-pedagogik işimden anyk faktlaryň käbiri.

Milletim türkmen, 1914-nji ýylda doguldym, ýaşlygymdan rus mekdebinde we maşgalasynda terbiýelendim. TSSR-iň wuzlarynyň üç fakultetini tamamladym. 1942-nji ýylda Moskwa döwlet uniwersitetinde kandidatlyk dissertasiýasyny goradym (1943-nji ýylda çap edildi), 1948-nji ýylda bolsa SSSR YA-nyň Dil we pikirleniş institutynda filologiýa ylymlarynyň doktory diýen alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa goradym. 1939-1952-nji ýyllarda türkmen diline, edebiýatyna we halk döredijiligine bagyşlanylan işleriň 100-den gowragyny neşir etdirdim we çapa taýýarladym. Olaryň arasynda XVIII asyr şahyrlary Azadynyň we Magtymgulynyň ömri hem-de döredijiligi hakyndaky monografiýa, türkmençe-rusça we rusça-türkmençe sözlükler, XI-XIX asyrlara degişli edebiýat we folklor ýadygärlikleriniň 50-ä golaýy, türkmen dili we edebiýaty baradaky makalalaryň onlarçasy bar. («Sowet edebiýaty», «Izwestiýa TFAN SSSR», «Izwestiýa AN TSSR» žurnallarynda, «Edebiýat ensiklopediýasynda», tom II, Moskwa, 1939-njy ý., «Uly sowet ensiklopediýasynda», Moskwa, 1948 ý., tom 55 we başgalar). Olardan başga-da okuw kitaplarynyň

we hrestomatiýalaryň 11-sini (olaryň altysy TSSR-iň wuzlary üçin) taýýarladym, rus klassyklarynyň (N. W. Gogolyň we beýlekileriň) eserlerini türkmençä terjime etdim. Ylymdaky we magaryfdaky zähmetim hökümet sylaglary, SSSR YA-nyň haty bilen bellenildi. 1951-nji ýylda bolsa TSSR YA-nyň habarçy-agzalygyna saýlanyldym.

Emma meniň tussag edilmezimden öň ýanynda Aşgabatda şeýle bir ýagdaý döredilip, XI-XIX asyrlaryň meniň gatnaşmagymda neşir edilen edebiýatlarynyň ählisi diýen ýaly zandyýamanlyk bilen reaksion, dini, baý-feodal eserler diýip yglan edildi. Derňewe kömek bermek maksadynda döredilen, rewolýusiýadan ozalky folklor-edebiýat eserlerine baha bermek baradaky komissiýa hem şunuň ýaly ugry ýöretdi. Bu döwlet ähmiýetli mesele — edebi miras baradaky mesele Bütinsoýuz ylymlar akademiýasynyň we SSSR Ýazyjylar soýuzynyň gös-göni hem-de ýolbaşçylyk etmek arkaly gatnaşmagy bilen bir taraplaýyn däl-de, üstünlikli we obýektiw çözülip bilner hasap edýärin.

Şeýlelikde, türkmen jemgyýetçiliginiň öňünde meni masgaralamak üçin ähli tagallalar edildi. Ol jemgyýetçilikde bolsa diňe bir loýal sowet graždany däl, eýsem alym hökmünde-de, ýalandan salyhatlylyk

etmekçi bolman aýtsam, belli bir meşhurlyga eýe bolupdym. Graždanin we alym hökmünde meniň şeýle garalmagymdan heý-de bir peýda gelýärmi diýen sowal ýüze çykýar. Hatda harby tirbunalyň gazaply hökümi bilen üstüňe atanak çekilen şahsy durmuşymy, ynsan ömrüni we meniň bedibagt maşgalamyň maşgalabaşysynyň (ýer titremesi döwründe men aýalymy we bäş çagamy ýitirdim) ömrüni bir gapdala goýanymyzda hem şundan Sowet döwletine we sowet ylmyna neneňsi peýda gelýär diýen sowaly bermek ýerliklidir. Meni terbiýelemek, ylmy bilimleri we kwalifikasiýalary ele almagym üçin döwletiň harç eden puly, dogrusy, millionlap manatlar bilen ölçelýär. Men bolsa şondan soňam bergimi elim lepetkeli, ýapyk, aýratyn düzgünli lagerde bermäge mejbur bolýaryn. Meniň fiziki ukyplarym bolsa noldan sähelçe ýokarydyr... Meniň hünärim boýunça sähelçe adam işleýär (biz bary-ýogy 3 sany filologiýa ylymlarynyň doktorydyk). Geçmişde medeniýetde yza galan türkmen halkyna özüniň intelligensiýasynyň ilkinji kadrlaryny, ýaş ylmy işgärleriň ilkinji otrýadyny ýetişdirmäge mümkinçilik berendikleri üçin meniň halkym Sowet hökümetine, beýik rus halkyna tükeniksiz minnetdarlyk bildirýär we muňa adalatly guwanýar. Hut şu ýagdaýda maňa we maňa meňzeşlere täze, has

ýokary ylmy-teoretiki derejede durýan işleri döretmek arkaly kemçilikleri düzetmäge mümkinçilik bermegiň ýerine olaryň tussag edilmegi we kemsidilmegi Sowet döwletiniň haýyrly başlangyçlaryna, inisiatiwasyna kölege salmaýarmy? Meniň watandaşlarym, meni işlerim boýunça tanaýan ylmy-edebi jemgyýetçilik, ebetde, käbir görip, monopoliýa topulýan elementleri hasap etmäniňde, buržuaz milletçiligi, «milletleriň guramaçylykly toparyna» gatnaşmak diýen ýaly derňewiň özüniň oýlap tapyp, maňa ýöňkän günäleriniň dogrulygyna ynanarmyka?.. Meniň milletçi diýlip yglan edilip, türmä basylmagyma sebäp bolan edebiýatyň ýurdumyzyň tanymal alymlarynyň hem-de edebiýatçylarynyň birnäçesi — W. W. Bartold, G. I. Karpow, A. Ý. Ýakubowskiý, Ý. E. Bertels, P. G. Skosyrew, L. I. Klimowiç we beýlekiler tarapyndan işlenilip, ýokary baha mynasyp bolandygyny siziň dykgatyňyza ýetirýärin.

Edebi işlerime birtaraplaýyn baha berilmegi, «şaýatlaryň» ýalan görkezmeleri esasynda DHM-niň aýry-aýry işgärleri tarapyndan meniň garşyma derňew işiniň emelleşdirilmegi netijesinde gazaply repressiýa sezewar edilen mahalymdaky ýagdaýy men örän umumylaşdyrylan derejede beýan edýärin. Ýöne men

zerurlyk ýüze çykan halatynda agzap geçen faktlarym barada ähli jikme-jiklikleri gürrüň bermäge hem-de maňa ýüklenen günäniň ýapa degmeýänini görkezmäge taýýar. Bulardan başga-da käbir zatlar bolup, olar hakynda diňe haçanda meniň işim täzeden derňelende gürrüň berip bilerin.

Kommunistik partiýa we Sowet hökümeti ylmyň gülläp ösmegi hakynda gündelik alada edýärler, onuň kadrlaryny ýadawsyz üns-alada bilen gurşap alýarlar. Sowet hökümetiniň baştutany G. M. Malenkow partiýanyň XIX gurultaýynda hasabat dokladynda sowet ylmyny has ýokary derejä götermegiň, ylmy işde tankydy we göreşi ýaýbaňlandyrmagyň zerurdygy barada aýtdy. Sowet ylmynyň diňe şeýle ýol bilen özüniň dünýä ylmynda birinji orny eýelemek missiýasyny ýerine ýetirip biljekdigini ýatlatdy.

SSSR Ylymlar akademiýasynyň graždan prezidenti, size ýüz tutmagymy ünssiz goýmajakdygyňyza, meniň işim bilen tanyşmagy mümkin hasaplajakdygyňyza we degişli instansiýalarda oňa gaýtadan garamak barada mesele goýjakdygyňyza men pugta ynanýaryn. Şeýle etmek bilen, Siz aslyýetinde esassyz ýöňkelen günälerden hem-de iňňän adalatsyz jezadan gutulmagyma ýardam edersiňiz.

Tussag Baýmuhammet Atalyýewiç GARRYÝEW.

Taýşet şäheri, Irkutsk oblasty.

P/ý 215/6 – 048.

1953-nji ýylyň 5-nji sentýabry».

Professoryň özi we ýakynlary tarapyndan yzly-yzyna ýazylan arzalaryň täsiri duýlup ugrapdyr. Moskwada işläp ýören Nury Garryýewe harby prokuraturadan çakylyk gelipdir. Şonda işdeş ýoldaşlarynyň «Bu nämäniň alamaty?» diýen manyda gözlerini tegeläp, özüne geň nazar bilen seredişlerini ýatlaýar. Nury aga Moskwada harby prokuratura baranda, ony gowy kabul edipdirler hem-de B. Garryýewiň işi bilen tanyşandyklaryny aýdypdyrlar. «Bu işde harby jenaýatyň düşnügi ýok» diýipdirler we işi SSSR-iň Baş prokuroryna ibermekçidiklerini mälim edipdirler.

Ol ýerden SSSR Soýuzynyň Ýokary sudunyň harby kollegiýasyna gözegçilik tertibindäki protest iberilipdir. Protestde işde ýol berlen kemçilikler birin-birin görkezilipdir. Neşir edilen eserlere ekspertiza geçirilmändigi, kanunçylygyň bozulan halatlary bellenilipdir. Harby tribunalyň M. Kösäýew bilen

O. Abdalowyň iş boýunça çykarylan hökümiň, şol mejlisde B. Garryýewi jenaýat jogapkärçiligine çekmek barada kabul edilen kesgitnamanyň jenaýat-prosessual kodeksiniň gödek bozulmagy hasap edilýändigine üns çekilipdir. M. Kösäýew bilen O. Abdalowyň işi hem höküm çykarman, täzeden derňew geçirmäge ibermäge degişli ekeni. Protest şu aşakdaky setirler bilen tamamlanýar:

«SSSR-de soýuz we awtonom respublikalarda sudlaryň işiniň guralyşy baradaky Kanunyň 16-njy maddasyna goldanyp,

**HAÝYŞ EDÝÄRIN:**

Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýewiň işi boýunça Türkmenistan SSR DHM-niň goşunlarynyň harby tribunalynyň 1953-nji ýylyň 13-nji martynda çykaran hökümini, Orta Aziýa okrugynyň DHM-niň goşunlarynyň harby tribunalynyň 1953-nji ýylyň 3-nji aprelinde çykaran kesgitnamasyny ýatyrmaly we işi gaýtadan derňew geçirmek üçin SSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky Döwlet howpsuzlygy komitetine ibermeli.

**SSSR-iň Baş prokurorynyň ýerine** (A. WAWILOW).

1953-nji ýylyň 1-nji iýuly».

Ýöne munuň bilen iş tamam bolaýmandyr. Diňe bir ýyldanam gowrakdan soň, 1954-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda SSSR Ýokary sudunyň harby kollegiýasy ýustisiýanyň gwardiýa polkownigi Stuçegiň başlyklyk etmeginde (çlenleri ýustisiýanyň polkownikleri Komow we Borisenko) Baş prokurory protestini kanagatlandyryrypdyr, hökümi ýatyryp, işi gaýtadan derňemäge iberipdir.

Indi berin hakykat dabaralanar öýdýärsiň. Emma professor ýene-de köp-köp aýlary bendilikde ötürmeli bolar. Höküm ýatyrylandan soň, SSSR-iň Baş prokuroryna ýazan şikaýatynda B. Garryýew özüne edilen sütemler barada has anygrak gürrüň beripdir. Harby tribunalyň mejlisi hakyky spektakla dönüpdir. Öňünden mazaly bişirilen ssenari boýunça hereket edilipdir. «Diýenimizi etmeseň, garyndaşlaryňam basarys» diýip gorkuzylyp, ählisini boýun almaga mejbur edilen mugallyma ýene-de bir psihiki täsir edilipdir. «Seni diňe partiýadan çykarmak baradaky kararyň esasynda atuwa bermek mümkin» diýipdirler. Sud mejlisinde bolsa 10-a golaý eli awtomatly soldatyň arasyna alyp äkidipdirler. Hamala, ölüme höküm ediljek agyr jenaýatçy kimin.

Harby tribunalyň mejlisi ýapyk geçirilip, oňa

maşgalanyň çlenlerinden, dost-ýarlardan hiç kim gatnaşdyrylmaýar. Tanyş ýüze gözüň düşjek gümany ýok. Sudda Leonidow, Mihalýan, Kistow, Kuznesowlaryň ikisi-de professoryň ýüzüne garap oturypdyrlar. Ýaňy-ýakynda senden sorag eden, zorluk bilen gol çekdiren adamlar garşyňda otursa, ozal boýun alan zatlaryňy gaýtalaman dagy nätjek?! Professor aklawjy Lebedinskaýany şol ýerde özüniň ilkinji gezek görendigini ýazypdyr. Üstesinde-de ertesi Lebedinskaýa-da sülçüler bilen gelip, hökümi dogry hasaplaýandygy, günäsiniň geçilmegini soraýandygy barada haýyşnama ýazmagy maslahat beripdir. Aklawjy bolaýşyny diýsene! Bir ministrlige garaşly sülçüler derňew geçirýärler, şol ministrligiň goşunlarynyň tribunaly sud edip höküm çykarýar. Aklawjy hem olaryň tarapynda. Ýeri onsoň muňa neneň oňat taýýarlanylan spektakl diýmejek?! Harby tribunalyň özleriniň diýenlerinden çykyp bilmejekdigini sülçi-de, ministrligiň jogapkär işgärleri-de B. Garryýewe ençeme sapar gönüläp aýdypdyrlar.

Şeýlelikde, derňew täzeden başlanýar. Ony, elbetde, ýene-de şol ministrligiň işgärleri alyp barýarlar. 1955-nji ýylyň 10-njy fewralynda 13 sagat 50 minutdan 17 sagat 40 minuda çenli edilen soragda professor özüni uklatmaýandyklary barada arza prokurora arza

ýazandygyny, emma ol arzanyň gelip sülçi Leonidowyň eline düşendigini aýdypdyr. Şonda Leonidow oňa: «Men seni mydamalyk uklar ýaly hem edip bilerin» diýip haýbat atypdyr. 1952-nji ýylyň dekabrynda uklandygy üçin B. Garryýewi bäş gije-gündiz kansere salypdyrlar. Sülçiniň ikiçäk mahallary özüne «duşman», «itiň biri» diýen ýaly sözler ulanyp sögýändigini, yz galmaz ýaly ýumşak ýerlerine urýandygyny görkezipdir. Professor soňra bular barada inisi Nura hem gürrüň beripdir. Has aýdyň bolar ýaly soraglaryň biriniň protokolyny dolulygyna getirmegi makul bildik.

«Günäkärlenýän Baýmuhammet Atalyýewiç Garryýewden edilen

**SORAGYŇ PROTOKOLY**

1955-nji ýylyň 14-nji fewraly.

Aşgabat şäheri.

Soragyň başlanan wagty 13 sagat 30 minut.

Soragyň tamamlanan wagty 17 sagat 47 minut.

Sowal: 1955-nji ýylyň 11-nji fewralynda beren görkezmeleriňiziň üstüne näme goşmak isleýärsiňiz?

Jogap: 1955-nji ýylyň 9-njy we 10-njy fewralyndaky soraglara 1953-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda meni

çagyranda Leonidowyň kagyzdan tabyt edendigini dilden ýatlap geçipdim. Ýöne 1955-nji ýylyň 11-nji fewralyndaky soragda men bu barada aýtmagy unudypdyryn. Häzir özümiň beren görkezmelerimiň üstüni ýetirmek isleýärin.

1953-nji ýylyň 31-nji ýanwarynda Leonidowyň diýşi ýaly arza ýazmazymyň öň ýanynda, ol, Leonidow kagyzdan tabyt ýasady we ony görkezip, şaýatlaryň görkezmelerini boýun almadyk halatymda, şonuň (tabydyň) meniňki boljakdygyny aýtdy.

Sowal: Ýene näme görkezmek isleýärsiňiz?

Jogap: 1953-nji ýylyň 2-nji fewralynda Leonidow meni kabinetine çagyrdy. Leonidow maňa kagyz we galam berip, arzany dowam etdirmegimi talap etdi.

Men arzany ýazdym, soňra bolsa Leonidowyň talap edişi ýaly onuň käbir ýerlerini taşlap, täzeden göçürdim.

1953-nji ýylyň 3-nji fewralynda sülçi Leonidow meni ýene-de kabinetine çagyrdy, şol ýerde ministriň adyna iberen arzamy onuň talap edişi kimin ýazyp tamamladym.

1953-nji ýylyň 5-nji fewralynda Leonidow meni ýene çagyrdy, basym prokuror Pronçenko geldi. Şonuň

ýanynda Leonidow maňa özümiň arzalarymda beýan edenlerimi tassyklaýandygymy görkezýän jogaplar ýazylyp goýlan soragyň protokolyny berdi we gol çekmegimi teklip etdi.

Men jogaplary özümiň ýazmak isleýändigimi aýtdym. Leonidow muňa razy bolmady. Prokuror Pronçenko jogaplary meniň özümiň ýazmagyma rugsat bermegi Leonidowa teklip etdi.

Haçan-da Leonidow sowallar ýazylan soragyň protokolyny uzadanda gorkaklyk edendigimi, geljegimden howpurganyp, özüm barada nädogry görkezmeler berendigimi çaltjak oňa ýazdym we Leonidowyň ýanynda stoluň üstünde ýatan arzalarymy almakçy boldum. Men olara-da şunuň ýaly bellik etmekçidim, ýöne arzalary almak maňa başartmady. Şol arzalaryň biriniň burçuna meniň ruçkamdan syýa damandygy ýadymda. Şonda men arzalary grky astynda, özümiň we garyndaşlarymyň janyndan howatyrlanyp ýazandygymy prokurora düündirdim.

Pronçenko Leonidowyň tarapyna geçdi we ýazan arzalarymdan el çekäýsem, günämi boýun almasam, tribunalyň meni ölüme höküm etjekdigini, şeýle höküm çykarylmagyny gazanjakdygyny, özüniň

garalaýjy bolup çykyş etjekdigini aýdyp, haýbat atdy. Meniň entek aglamaly, dyza çöküp rehim edilmegini soramaly boljakdygymy, ýöne gözýaşlaryň nepiniň degmejekdigini aýtdy. Pronçenko hem gowy we ýaramaz lagerleriň bardygyny agzady.

Soňra derňew bölüminiň naçalnigi Kuznesow geldi we ol hem maňa haýbat atmaga başlady.

Basym Kistow geldi. Kistow öňki äheňinde beren maslahatlaryny gaýtalady.

Men nähilidir bir erbet ýagdaýa düşdüm we agladym. Kabinete başga-da adamlar girip çykýardy, kimlerdigi anyk hakydamda däl.

Kistow kimedir birine derman getirtdi, men ony içdim. Haýbat atmalar we töwella etmeler dowam etdi. Şonda arzalarymy tassyklap we günämi boýun alyp, protokola gol çekdim, şeýdenimden soň meni kamera ugratdylar.

Soragyň protokolyny okadym, meniň sözlerim esasynda ýazylan jogaplar dogry (B. A. Garryýewiň goly).

Sorag eden: TSSR Ministrler Sowetiniň ýanyndaky DHK-nyň derňew bölüminiň uly sülçüsi, kapitan

(BUÇIN)»

Şol ýylyň 11-nji maýynda kapitan Buçin ýüklenilýän günäleriň birnäçesiniň aýrylýandygy barada karar kabul edipdir. Ýöne welin ony doly aklamak barada gürrüň ederden entek irdi. Stalin aradan çykan, Beriýa atylanam bolsa, duşmanlara rehimsiz bolmak, hüşgärligi elden bermezlik ruhy dowam edýärdi. Men B. Garryýewiň şol ýagdaýda-da sülçüleriň garşysyna çykyp, bigünädigini subut etmäge bolan sähelçe mümkinçiligem elden gidermändigine telpek goýýaryn. Ýogsam 20-30-njy ýyllaryň elhençliklerini başdan geçiren adam tizden-tiz boýun egäýjek ýaly. Otuzynjy ýyllarda bolsa üçlükleriň bigünä adamlary neneňsi gyrandygy baradaky dokumentleriň käbiri bilen tanyşmak we makala ýazmak maňa miýesser etdi.

Şol ýyllarda adamlary nädip türmä basandyklary barada aşakdaky ýaly anekdot hem aýdýarlar. Syýasy tussaglar bir-birine özleriniň nähili günä ýüklenip basylandygyny aýdyp berýärmişler. Emma olaryň biri sesini çykarman oturanmyşyn. Ondan hem başdan geçirmelerini gürrüň bermegini sorapdyrlar.

Ol näme üçin tussaghana salnandygynyň sebäbini bilmeýändigini aýdyp, şulary gürrüň beripdir:

«Meniň özüm ussa. Bir gün raýkoma çagyryp, jaýy ýyladyş sistemasynyň işlemeýändigini aýtdylar. Men barlap gördüm. «Ýeri, nähili?» diýdiler. Menem «Sistemany çalyşmaly» diýdim. Bar bolany şol. On ýyl iş kesdiler. Ynha, indem siziň araňyzda». Hawa, şu ýagdaýlardan habarly-da bolsa B. A. Garryýew sülçüleriň garşysyna gitmäge batyrlyk edipdir.

Bu gezek B. A. Garryýewiň işine Türkmenistan SSR Ýokary sudunda Sapardurdyýewiň başlyklyk etmeginde (halk oturdaşlary Abramow hem-de Kanşin) ýapyk sud mejlisinde garalýar. Suduň mejlisi Aşgabat şäheriniň Stalin raýonynyň halk sudunyň 2-nji uçastogynyň jaýynda 1955-nji ýylyň 31-nji oktýabry — 5-nji noýabry aralygynda bolup geçýär. Professor deslapky derňewde-de, sud mejlisinde-de özüni günäkär hasap etmändir. Mugallymyň ýakynlary oňat aklawjy tutmagyň aladasyny edipdirler.